TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# TÜRKMENLERIŇ MERTEBELERI

ABU OSMAN JAHYZ * وبأ ورمعنامثع ظحاجلا

ARAP DILINDEN TERJIME EDEN WE ÇAPA TAÝÝARLAN: RAHYMMÄMMET KÜRENOW

TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

**ABU OSMAN JAHYZ**

**أبو عثمان عمرو الجاحظ**

# TÜRKMENLERIŇ MERTEBELERI

**Arap dilinden terjime eden we capa taýýarlan:**
**Rahymmämmet Kürenow**

**Aşgabat**
**MGI**
**2013**

UOK
A
A Ibn Fazlan.– A.: Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2013.

*Gündogar halklary hakynda ilkinjileriň biri bolup eser ýazan VIII-IX asyryň görnükli alymy we akyldary Abu Osman Jahyzyň edebi mirasy dünýä medeniýetiniň altyn hazynasynda uly orna mynasypdyr. Abu Osman Jahyzyň Fazailul-etrak «Türkmenleriň mertebeleri» atly eseri gadymy maglumatlary özünde jemleýän iň seýrek taryhy eser hasaplanýar.*
*Kitap giň okyjylar köpçüligine niýetlenildi.*

TDKP № KBK

© TYA-nyň Milli golýazmalar instituty, 2013

# GIRIŞ

**Mähirli we rehimli Allanyň ady bilen!**

Men bu işi mähriban we rehim-şepagatly Allanyň ady bilen başlaýaryn. Ol ähli nygmatlaryň eýesidir.

Alla hemmäni dogry ýola salyp, Özüne şükür etmegine ýardam bersin. Sizi we siz sebäpli başgalary-da ýalkasyn. Bizi we sizi dogry sözleýän, dogruçyllygyň tarapyny tutýan we hakykaty goraýan bendelerinden eýlesin. Bize hakykatdan nesibimizi alyp, oňa görä amal edip, wagyz etmegi we hakykaty hak eýelerine ýetirmegi miýesser etsin. Oňa laýyk bolmaýanlardan eýlemesin. Hakykaty amala aşyrmak üçin diňe ylym öwrenen, ýöne ony amal etmeýän amalsyz kişilerden etmesin. Çünki Allatagala ylmy ynsana diňe bilsin diýip däl-de, tersine onuň bilen amal etsinler[1] we Alladan gorksunlar diýip öwredendir[2]. Ynsan erbet we çykgynsyz ýagdaýa duçar bolmazlyk üçin ylym öwrenmäge başlady. Howp-hatardan halas bolup, peýdaly zatlara meýilli bolandyklary üçin ylym öwrenmekdäki kynçylyklara döz geldi.

Öňki alymlar amal edýänleriň azlygy we wagyzçylaryň köplügi sebäpli «bilýänler gürrüň berýänlerden, gürrüň berýänler amal edýänlerden has köp» diýipdirler. Ajaýyp sypatlar köp, ýöne şol ajaýyp sypatlary özünde jemleýän adam az. Sebäbi amalyň sogaby nesýe, onuň ugrundaky zähmetler bolsa nagtdyr.

Seniň[3] halypa[4] tabyn bolmakdaky çäksiz höwesiň, onuň häkimiýetini goldamagyň, onuň hökümdarlygyna we soltanlygyna kiçijik hem bolsa ýetäýjek nogsanlyklardan howatyrlanmagyň meniň göwnüme ýarady. Şeýle hem, hernäçe gizlin bolsa-da,[5] halypanyň arzuw-hyýalyna ters zatdan gaça durmagyň, onuň gar-şysyna gizlin göreşýänleriň bir ýol tapmaklary, duşman bolanlaryň tapjak bir çy-kalgalary dogrusynda alada galyşyň barada sende gören zatlarym hem meniň göwnüme ýarady.

Hökümdardan ar almak isleýän, sebäpsiz ýere gaharlanýan, döwlet işlerinden kowlandygy üçin hökümetiň alyp barýan syýasatyny ýazgarýan, döwlet işlerini tankytlaýan, öz pikirlerini dogry hasaplap, nädogry zatlary aýdýan, hakykaty

---

[1] Bu ýerde Gurhany Kerimiň 61-nji («Sap») süresiniň 2-nji aýaty göz öňünde tutulýar.

[2] Bu ýerde Gurhany Kerimiň 2-nji («Bakara») süresiniň 187-nji aýaty göz öňünde tutulýar.

[3] Ýazar bu ýerde «sen» diýmek bilen, öz kitabynda ýazýan zatlaryny kimdir birine gürrüň berýän ýaly, şonuň bilen söhbetdeş bolýan ýaly edip beýan edýär. Bu ýazaryň özboluşly edebi usuly, beýan ediş täridir.

[4] Bu ýerde «halypa» diýlende ýazaryň öz döwründe halypalyk eden, Bagdat halypalarynyň, umuman hökümdarlaryň biri göz öňünde tutulýan bolsa gerek. Ol döwürde halypa Mugtasym halypalyk edipdir.

[5] Bu ýerde kalbyňdaky arzuw-islegiňi hiç kim bilmejek derejede gizlin bolsa-da hatda şonda-da ters pikirden daş durýan diýilýär.

ýaşyryp, akylly-başly işlere garşy çykýan adamlar hökman bardyr. Hatda şolar ýalylaryň käbirleri bütin milletiň ýolgörkezijisi, ýurduň raýatlarynyň wekili ýaly özüni halypalaryň we wezirleriň işlerine gözegçilik edýän derňewçileriň ornunda goýup, döwlet işlerinde zyýany bolmadyk käbir ownuk kemçilikleri hem ulaldyp, çişirip görkezerler. Bu ugurdaky gowy zatlary göz öňüne tutmaz. Olar Muhammet pygamberimiziň hadysynda getirilýän: «Bar adam ýok adamyň görmedik zadyny görer» diýen jümläniň manysyny kabul etmeýärler, ýagdaýyň neneňsidigini görmedik adamyň, meseläniň düýp özeninden habarsyz kişiniň pikir-garaýyşlarynyň netijesizdigine düşünmeýärler.

Hökümdaryň daşynda wezipeden boşadylandygy sebäpli köňlüni kineden dolduryp ýören kişiler hem, bolelinligiň mes eden haramzadasy hem, öz hakyndan artyk alan betnebis kişiler hem bardyr. Beýle adamlar öz hetdini bilmeýändigi, güýjüniň ýetmeýändigi we haýyr işiň tarapdary däldigi üçin özüniň hökümdarda galan haky bardyr we ol hak özüne berilmelidir öýderler.

Hökümdaryň töwereginde özi laýyk bolmasa hem, özüne ýagşylyk edilmegini isleýän, emma amatly pursatlardan, wezipesinden peýdalanyp, oňşugyny bolmalysyndan hem artyk üpjün edip ulumsylanýan, haklary bolmasa hem öz paýyndan has köp talap edýän adamlar hem bardyr. Soltanyň hyzmatynda jemgyýetiň arasynda bulaşyklyk dörän mahaly «ýolbaşçy» bolýan, gozgalaň wagty gygyryp ýören, özge wagt göz üçin hökümdaryň mertebesini beýgeldenden bolup, özüni edepli-tertipli görkezmekçi bolýan, kanunyň güýjüni pese düşürýän pitneçiler hem bardyr. Onuň ýaly adamlaryň halanylmaýandygy üçin ýazgarmakdan başga çäre tapylmaz. Olar erbet habar ýaýratmakdan başga özleriniň ýamanlyklaryny ýatyryp bilmezler. Boş hyýallardan başga zada bil baglamaz. Olar diňe ýalan habary ýaýradýan, şübhe içre gezip ýören, aldanan adamlar bilen dostluk gurarlar.

Soltanyň daşynda hiç wagt peýdasy degmeýän, ýalançy, hiç zat başarmaýan, biçäre, iş oňarmasa-da özüniň iş başarýanlar bilen deň tutulmagyny isleýän, gahrymanlardan hem ýokary derejäni arzuw edýän, ata-babasynyň gazanan abraýynyň üstüne öz gazanan täze abraýyny goşmaýan, abraý sapagyny[6] öwrenmeýän, edýän işlerini Alla üçin etmeýän, öz borçlarynyň nämedigini bilmeýän kişiler hem bardyr. Çünki hakykatyň manysyna göz ýetirmedik we batyly hakyky ornunda goýup bilmedik adam sylag-hormat bilen ýagşylygyň arasyny nädip tapawutlandyrsyn?

Mundan başga-da, şuny hem bilgin, sen öz soltanyňy beýgeltmegi, halypanyň kömekçileriniň özboluşly aýratynlyklaryny öwrenmegi ýola goýduň. Onuň tarapdarlaryny we dostlaryny goradyň. Sen wepalylykda, haýyr işe kömek etmekde, haky goramakda, gör, nähili gowy kömekçi! Men seniň halypanyň işleri bilen meşguldygyňy, muňa uly ähmiýet berýändigiňi, onuň duşmanlaryndan habarly bolup, dostlarynyň ýagdaýyny soraýandygyňy görüp, seniň halypa tabynlygyň ýürekdendigine göz ýetirdim.

Alla hemişe seni halypa peýda getirýän ynamdar adamlardan eýlesin! Bize we saňa halypanyň söýgüsini bagyş etsin! Bizi we seni ýalan sözden, batyl ýollar bilen

[6] «Abraý sapagy» diýlip, göçme manyda ahlak-sapak kadalary göz öňünde tutulýar.

halypa golaýlaşmakdan gorasyn. Çünki Alla ähli öwgä we beýiklige mynasyp bolup, islän zadyny isleýşi ýaly ýerine ýetirýändir. Alla size uzak ýaş bersin! Sen maňa halypadan gorkýandygyň ýa-da ondan bir zat tama edýändigiň üçin däl-de, diňe Allanyň razylygy üçin oňa hormat-sylag goýýanlaryň mejlisinde bolandygyňy, bularyň arasyndan bir emeldaryň bolsa, beýleki oturanlara gezek bermän, ýolbaşçylary we wagyzçylary äsgermän, nädogry pikirleri aýdyp, sözlerine bat berendigini gürrüň berdiň. Onuň şeýle diýendigini aýtdyň: «Häzirki wagtda halypanyň goşuny bäş bölege bölünýär: horasanlylar,[7] türkmenler, möwlalar[8], araplar we ebnalylar».[9] Sen soňra sözüňi dowam edip şeýle diýdiň: «Ol kişi öz ýanyndan bu birnäçe milletleri, dürli pikirli adamlary halypa boýun edip birleşdirmek meselesinde uly sylag we köp alkyş alandygy üçin nygmat beriji Alla köp hamdy-şükürler etdi». Ýene-de şol mejlise gatnaşyp oturan Fath ibn Hakanyň[10] halypanyň goşunynyň düzümini emele getirýän topar barada milletleri bölege bölüp, nesil daragtyny aýry görkezip, olary biri-birinden tapawutlandyryp, aralaryndaky gatnaşygy üzňeleşdirip görkezýän ol kişä garşy çykandygyny, onuň sözlerini ret edip ýazgarandygyny, goşunyň nesil daragtlarynyň biri-birinden uzakdygy hakyndaky pikirini inkär edendigini şeýle-de goşunyň esgerleriniň bir synpdandygy ýa-da şoňa ýakyn ýagdaýdadygy baradaky pikiri öňe sürendigini gürrüň berdiň.

Fath ibn Hakanyň soňra ýene-de şeýle diýendigini beýan etdiň: «Men şuny bilýärin, horasanlylar bilen türkmenler dogandyr. Olaryň ýurdy birdir. Gündogar halky we ol ýurtlar baradaky garaýyş başgaça bolman, eýsem, birmeňzeşdir. Olar biri-birine örän ýakyndyr. Olaryň arasyndaky şejere daragty bir bolmasa-da, meňzeşdir. Türkmenler bilen horasanlylar käbir zatlarda biri-birinden tapawutly bolsalar-da, aslyýetinde olaryň ikisi-de Horasanda ýaşaýandyrlar. Türkmenler bilen horasanlylaryň arasyndaky tapawut araplar bilen ajamlaryň, rumlular bilen slawýanlaryň, zeňňiler bilen hebeşlileriň arasyndaky tapawut ýaly uzak hem däldir. Tersine, bu iki toparyň arasyndaky tapawut mekgeli bilen medineliniň, çarwa bilen şäherliniň, dagly bilen düzliniň, dagda ýaşaýan taýlylar[11] bilen düzde ýaşaýan taýlylaryň aýratynlygy ýalydyr. Huzaýlylar[12] araplaryň kürtleri diýlip hasaplanýar. Şeýle hem, türkmenler horasanlylaryň bir bölegi hökmünde tanalýar. Horasanlylar bilen türkmenleriň arasyndaky tapawut düzde ýaşaýan bilen dagda ýaşaýanlaryň, beýikde ýa-da oýda ýaşaýanlaryň arasyndaky tapawut ýalydyr».

Arap taýpalary dilleri boýunça biri-birlerinden tapawutlydyr, daş keşbinde käbir aýratynlyklar bardyr. Meselem, olaryň biri-birlerinden tapawutlylygy temim taýpasynyň[13] ýokarky gatlagy bilen kaýs taýpasynyň[14] aşaky gatlagynyň, howazyn

[7] Bu ýerde Eftaly türkmenleri göz öňünde tutulýar.

[8] Arap taýpasynyň birine ylalaşylyp ýa-da azat edilen gullaryň bir sebäp bilen araplara degişli edilmegi netijesinde kesekilere berlen at.

[9] Ebna – Ýemende eýranlylaryň neslinden bolanlara berlen at.

[10] Fath ibn Hakan – doly ady Abu Muhammet Fath ibn Hakan ibn Ahmet ibn Turtuj Türki. Ol hökümdar maşgalasynda dünýä inip, Mugtasym halypanyň ýakyn adamlarynyň biri bolupdyr. Fath ibn Hakan söz ussady, zehinli şahyr hökmünde tanalypdyr.

[11] Arap taýpasynyň ady.

[12] Arap taýpasynyň ady.

[13] Arap taýpasynyň ady.

taýpasynyň dili bilen Hyjazyň edebi diliniň başgarak bolşy ýalydyr. Munuň üstesine-de, bularyň dilleri birnäçe tarapdan hymýarlylaryň we Ýemen mihlaflarynyň[15] dillerinden has tapawutlydyr. Bu kowumlar daş keşbi, gylyk-häsiýeti, edim-gylymy we ahlagy taýdan biri-birlerinden tapawutlydyr. Ýogsa olaryň ähli̇si arassa, sap araplardyr. Hawa, Allatagala her ýurduň halkyna özüne mahsus aýratynlygy berýär.

Horasanlylar bilen türkmenleriň arasyndaky ahlak we dil tapawudy kahtanlylar bilen adnanlylaryň[16] arasyndaky tapawutdan has golaýdyr. Eger «Kahtanlylar bilen adnanlylaryň atalarynyň aýrydygyna garamazdan, iki sany dürli atanyň ogullary birden nädip arap boldy?» diýen sorag ýüze çykaýsa, şeýle jogap bereris: «Sebäbi araplar bir milletdir. Olary has jebisleşdirýän zat – toprak, dil, edim-gylym, hyjuw, mertebe, hüý-häsiýet bolup, olar bir göwreden emele gelen ýaly biri-birine meňzeşdir. Kalbyň birdigi üçin ähli agzalar biri-birine meňzäpdir. Bu arabaglanyşygy has ýakynlaşdyrýan özboluşlylyk we meňzeş garaýyşlar, käbir meselelerde ýüze çykýan bir pikirlilik ýa-da ylalaşylýan meseleleriň birnäçe taraplary olary has hem ysnyşdyrdy. Olar hemişe biri-birleri bilen jebisdigi üçin özlerini bir nesilden hasaplapdyrlar. Bu arabaglanyşyk soňra olar üçin ikinji bir baglanşyk bilen, ýagny gan baglanyşygy bilen ornuny çalyşdy. Olar özaralarynda biri-birlerine gyz berip, guda-garyndaş boldular. Guda-garyndaş meselesinde Yshak Ysmaýylyň dogany bolsa-da, adnanlylar Yshagyň ogullary[17] bilen öýlenmekden gaça durdular. Kahtan Abaryň ogly bolsa-da, olary bu meselede goldadylar. Bu iki toparyň biri-birlerine öýlenendigi we guda-garyndaş bolandygy barada maglumat bar».

Sen ol emeldaryň pitne we özbaşdak bir topar döretjek bolýandygyny, Fath ibn Hakanyň bolsa, goşundakylaryň arasyny has-da mäkäm birleşdirmegi arzuw edýändigini aýtdyň. Mundan başga-da şeýle diýdiň: «Ebnadan bolanlar horasanlydyrlar. Çünki soňky nesil öz ata-babalarynyň nesil daragty bilen birdir. Ata-babalaryň amal eden ýagşy işleri, öňden gelýän oňat häsiýetleri nesliň arassalygyny ýüze çykarýar».

Möwlalar[18] araplara has meňzeş we olara iň ýakyn adamlardyr. Şol sebäpli hadysda olaryň birnäçe taraplary göz öňünde tutulyp, «möwlalar araplara degişlidir» diýilýär. Olar nesil, asaba[19], miras meselelerinde araplardan hasaplanýar. Pygamberimiziň: «Bir kowumyň özge kowumdan getiren möwlasy hem olardandyr. Bir kowumyň ylalaşykly ýaşaýjysy olaryň bir bölegidir»[20] diýen hadysy hem-de «Möwla bagy nesil bagy ýalydyr» diýen ýörgünli jümle bu sözleri tassyklaýar.

---

[14] Arap taýpasynyň ady.
[15] Mihlaf – obada ýaşaýan.
[16] Arap taýpasynyň ady.
[17] Yshagyň ogullary – Ybraýym pygamberiň ogly Yshagyň nebereleri.
[18] Möwla – ilki gul edilip alnyp, soň azat edilen adam.
[19] Bu ýerde «Asaba» diýlip kaka tarapyndan gandüşerlik göz öňünde tutulýar.
[20] Pygamberimiziň bu hadysynda başga bir kowumdan getirilen möwlanyň-guluň ony getiren kowuma degişli bolýandygy, olaryň şol kowumyň bölegidigi aýdylýar.

Şonuň ýaly-da, bir taýpa soň goşulan adam hem şol taýpadandyr. Bu baradaky höküm öňki ýalydyr. Meselem, Ahnas ibn Şaryk sakyf taýpasyndan, Ýagla ibn Munýa (Munabbih) adawiýa ogullary taýpasyndan, Halyt ibn Urfuta uzra ogullary taýpasyndan bolsa-da, kuraýyş taýpasyna goşulýandygy sebäpli olaryň ählisi kuraýyş taýpasyndan hasaplanýar. Şol sebäpli haşym ogullarynyň azat eden gullaryna sadaka almak haram edildi. Çünki pygamberimiz olary arassa we päk diýip, öz maşgalasyna degişli etdi.[21]

Nesil daragty we garyndaşlyk bagy birmeňzeş bolsa-da, öňki gatnaşyk ýa-da ylalaşyk sebäpli pygamberimiz abdylmuttalyp ogullaryny abdyşems ogullaryndan ýokary tutupdyr.

Pygamberimiz hadyslarynyň birinde: «Araplaryň içinde iň ussat çapyksuwar Ukama ibn Mihman hem bizdendir» diýipdir. Şol wagt Zyrar ibn Azwa: «Ol biziň birimizdir» diýende, pygamberimiz: «Ýok, ol aramyza goşulandygy sebäpli bizdendir» diýip, jogap beripdir. Garaz, bir taýpanyň doganynyň oglunyň şol taýpadan bolşy ýaly, bir taýpa bilen ylalaşykly ýaşaýan hem şol taýpadan hasaplanypdyr.

Soňra şeýle diýdiň: «Bu düşündirişlere görä, türkmenleriň gelip çykyş, emele geliş ýollary hem araplaryň gelip çykyş ýollaryna meňzeşdir. Hatda olaryň käbir özlerine mahsus özboluşly aýratyn häsiýetleri araplaryňkydan ýokarydyr. Ýokarda hem belläp geçişimiz ýaly, olar käbir sebäpler[22] bilen araplara goşuldy. **Esasan hem, türkmenleriň iň arassa abraýly taýpasynyň mertebesi kuraýyşlaryň abraýly taýpasy bolan abdymennaf taýpasy bilen des-deňdir. Şoňa görä olar haşym ogullary bilen deň derejededir.** Haşym ogullary bolsa, atyň ýaňagy, ýaş gyzyň boýny, göwher daş, sap altyn, sap dür, başdaky göz, bedendäki ruh, öňde saýlanyp duran burun, ýumurtganyň sarysy we ter bakja önümi ýalydyr. Eger şeýle bolsa, onda türkmenler bilen araplar bir nesil daragtyndandyr. Olar möwlalar bilen deňlige eýedir. **Şoňa görä türkmenleriň şöhraty hiç bir mertebäniň, abraýyň, beýikligiň ýetmejek derejesine ýetdi. Şonuň üçin olar beýleki halklardan has beýik boldular**».

Sen ýene şeýle diýdiň: «Olaryň ählisiniň biri-birine bagly bolan nesil daragtynyň uzak bolmagy mümkin. Olary jebisleşdirýän zat birek-birege bolan goldaw, halypa we döwlet ýolbaşçysyna tabynlyk, mähir-muhabbet we söýgüdir».

Soňra bularyň üstüne şuny-da goşduň: «Mejlisdäki ol adam beýleki milletleriň öwgüli we artykmaç taraplaryny taryplady. Olar hakda doly we giňişleýin gürrüň berdi. Türkmenler barada hiç zat diýmedi. Ol ähli milletleriň özlerine mahsus bolan sypatlaryny deliller bilen beýan etdi. Ýöne türkmenler bilen baglanyşykly hiç zat aýtmady. Ol: «Horasanlylar özi barada şeýle diýýär» diýip, horasanlylar barada şeýle gürrüň berdi».

[21] Pygamberimiz öz neberesine sadaka, zekat almagy gadagan edipdir.

[22] Bu ýerde «Bir kowumyň özge kowumdan getiren möwlasy hem olardandyr. Bir kowumyň ylalaşykly ýaşaýjysy olaryň bir bölegidir» diýen hadysdaky araplara goşulan möwlalar göz öňünde tutulýar.

## HORASANLYLARYŇ BEÝANY

Horasanlylar özleri hakynda şeýle diýýärler:

Biz nakyplaryň[23], ýagny mertebeli adamlaryň nesillerindendiris we biz abraýlydyrys. Biz öňe saýlananlaryň nesillerindendiris. Bizde ilki halypalyk meselesi ýüze çykmanka, öňe çykmak, beýleki adamlardan saýlanmak heniz bilinmänkä, duşman bilen söweş başlamanka we «takyýa»[24] ýüze çykmanka, dini wagyzçylar bizden dörändir[25]. Biz şu pursatlarda gyrylyp, ýitgi çekip başladyk, çetleşdirildik, gylyç we naýzanyň agyr urgularyna sezewar edilip, bölek-bölek edildik. Dürli zulumlara duçar bolduk. Alla biziň kalplarymyzdaky duşmançylyk oduny öçürdi we olardan arymyzy aldy.

On iki sany nakyp, ýetmiş nejip[26] bizdendir. Biz hendekçi we hendekçileriň nesilleridiris[27]. Biz akyldardyrys we akyldaryň perzentleridiris[28].

Çagyryşy kabul edenler, Taýmyýany weýran edenler[29], Nim Hazem[30], Çoraplylar[31], Zagandiýa[32], Azadmerdiýe hem bizdendir[33].

Biz ýurtlary basyp aldyk, halkyny gyrdyk. Biz duşmany nirede bolsa weýran etdik. Biz bu döwletiň we bu ýurduň eýeleridiris. Biz bu agajyň köküdiris. Bu döwletiň şemaly biz tarapdan ösendir[34].

Ensarlar iki sanydyr. Olaryň birinjisi yslamyýetiň ilkinji ýyllarynda Pygamberimize kömek eden ews we hazraj[35] taýpalarydyr. Ikinjisi bolsa, soňky ýyllarda Pygamberimiziň mirasdüşerlerine kömek eden Horasan halkydyr. Ata-babalarymyz bizi bu duýgy bilen terbiýeläpdir. Biz hem çagalarymyzy şu duýgy, ýagny ýardam beriş duýgusy bilen terbiýeleýäris. Birek-birege goldawyň we

---

[23] Nakyp – häkim, mertebeli, oruntutar adam.

[24] Takyýa – özüňi gizlin saklamak, özüňi goramak üçin käbir işlerde öz hakyky niýetiňi içiňde saklamak. Takyýa, esasan, şaýy mezhebinde giňden ulanylýar.

[25] Bu ýerde horasanlylaryň Apbasly döwletini esaslandyrmakda we Ümewi döwletini ýykmakda esasy orun tutandygy göz öňünde tutulýar.

[26] On iki sany nakyp, ýetmiş nejip – Muhammet Sadyk tarapyndan Muhammet ibn Ala ýardam, kömek bermek üçin saýlanyp alnan adamlar.

[27] Nasr ibn Seýýar bilen Aly ibn Jady Kermany hendek söweşine gatnaşypdyr.

[28] Bu barada maglumata gabat gelmedik. Bu ýerde Selman Parsy göz öňünde tutulýan bolsa gerek

[29] Bu sözüň manysyna gabat gelmedik. Ýöne Abu Hasan Eşary: «Ammariýada bir topar bardyr. Olara «Zurariýa» diýilýär. Olar şol bir wagtyň özünde «Taýmyýa» ady bilen hem tanalýar. Bu toparyň ýolbaşçysy Zurara ibn Agýandyr» diýip belleýär.

[30] Bu sözüň düşündirişine çeşmelerde duş gelmedik.

[31] Çoraplylar barada maglumata gabat gelmedik.

[32] Zagandiýa – bu barada çeşmelerde gabat gelmedik. «Zagand» parsça söz bolup, wagşy haýwanyň sesini aňladýar.

[33] Azadmerdiýe – gadymy Eýranda ýaşan abraýly kowuma berlen umumy at.

[34] Bu ýerde Apbasly döwleti göz öňünde tutulýar.

[35] Ews we hazraj – Medinede ýaşaýan ensarylaryň iki sany uly taýpasynyň ady.

kömegiň netijesinde at-abraýly nesil ýüze çykdy. Şeýle-de, biri-birini söýýän we hemaýat edýän ýol emele geldi.

Mundan başga-da beýlekileriň ýoluna goşulmaýan ýeke-täk ýoluň tarapdarydyrys. Biz boýun bolmagyň wezipämizdigini bilip, bu ýolda janymyzy pida edýäris. Biziň ýagşy hüý-häsiýetlerimiz hemmeler tarapyndan bilinýär. Biz gara baýdagyň, ynamly rowaýatlaryň, pygamberimizden rowaýat edilen hadyslaryň eýeleridiris. Biz tekepbir adamlaryň şäherlerini ýumrup, yslam döwletini zalymlaryň elinden halas edipdik. Hadys ylmy biziň aramyzda ösdi, biziň saýamyzda öz berkligini gazandy.

Biz ymamlaryň ymamy, on halypanyň atasy Muhammet ibn Aly[36] wagyzçylaryny daş-töwerege ýollamak islän wagty, özümiz we ýurdumyz barada taryply sözleri aýdyp bilen adamlardyrys. Muhammet ibn Aly bu barada şeýle diýipdi: «Basra halkyna Osmanyň oňat häsiýetleri ornaşypdyr[37]. Şonuň üçin biziň bu ýerde tarapdarymyz örän azdyr. Kufe halkyna Aly we onuň tarapdarlary häkimdir. Biziň bu ýerde hem tarapdarymyz azdyr. Şamda Abu Sufýanyň we Merwanyň maşgalasyny goldaýanlar köpdür. Jezirede bolsa Harurylar, Şaryýalylar, Haryjylar we Marykalar bar[38]. Ýöne siz ýeriňizi şu gündogardan üýtgetmäweriň. Sebäbi bu ýerlerde dürli pikirleriň täsiri ýetmedik, erbet garaýyşlaryň ýüze çykmadyk, bidgatlaryň[39] täsiri ýetmedik kalplar, gahryman ýürekler bardyr. Men günüň dogýan tarapyny haýyrly hasaplaýaryn».

Ynha, biz has haýyr-sahawatly bolan ymamyň iň oňat goşunydyrys. Biz onuň garaýşyny we pikirini goldadyk. Ol başga bir wagtda: «Biziň bu işimiz öňe gider, yza tesmez. Gün ýaly dogar, gündizlik ýaly dünýäniň çar tarapyna ýaýrar. Ol düeleriň we atlaryň aýaklarynyň ýetýän ýerine çenli gider» diýipdir.

Horasanlylar şuny-da aýtdylar:

Biz Şahşahyýany[40], Dalakyýany[41], Zakwamyýany[42] we Reşidiýäni[43] öldürdik. Nasr ibn Seýýar[44], Ibn Jady Kermany[45], Şeýban ibn Salama Haryjy[46] bilen «hendek

---

[36] Muhammet ibn Aly ibn Abdylla ibn Apbas ilkinji Apbasly hereketini ýüze çykaran şahsdyr. Ol hijri ýyl hasaby bilen 100-nji ýylda bu hereketi ýaýratmak we tarapdarlaryndan sadaka ýygnamak üçin daş-töwerege wagyzçylary ýollapdyr. Ol hijri ýyl hasaby bilen 125-nji ýylda (milady 743-nji ýyl) Şaratda aradan çykýar. Ol Abu Apbas bilen Abu Jagfar Mansuryň kakasydyr.

[37] Şu kitabyň ýazary basraly Jahyz hem Osmanyň tarapdarydy. Şonuň üçin ol bu barada «Osmanyýa» atly eserini ýazypdyr.

[38] Haryjylara aýdylýan atlaryň biri.

[39] Bidgat - dinde soň ýüze çykan zat.

[40] Şahşahyýa – Ümewi goşunynda bir toparyň ady.

[41] Dalakyýa – çeşmelerde bu sözüň düşündirişine gabat gelmedik. Belki-de, Tabaryda agzalyp geçilýän «Dawkamyýa» bolmagy mümkin.

[42] Zakwamyýa – Süleýman ibn Hymam ibn Abdylmälik tarapyndan döredilen goşun topary.

[43] Reşidiýe – Ümeýe goşunynda bir toparyň ady.

[44] Nasr ibn Seýýar ibn Rafyg Kinany – Ümewileriň döwründe Horasanyň ahyrky häkimi. Abu Müslim Horasany onuň döwründe basyp alýar. Ol hijri ýyl hasaby bilen 131-nji ýylda (milady 748-nji ýyl) Sawada aradan çykýar.

[45] Aly ibn Jady Kermany kakasy öldürilenden soňra Abu Müslimiň hyzmatynda bolýar hem-de Abu Müslim tarapyndan hijri ýyl hasaby bilen 131-nji ýylda öldürilýär.

[46] Şeýban ibn Salamat Sadusy Harury; «Şeýbanyýa» akymy onuň ady bilen baglanyşdyrylýar. Bu akyma «Nasybylar» hem diýilýär. Ol Apbasly gozgalaňy başlamazyndan öň Nasr ibn Seýýara garşy

söweşini»[47] gurnan bizdik. Biz Nubata ibn Hanzalynyň[48], Amyr ibn Zubaranyň[49] we Ibn Hubaýranyň adamlaryny öldürdik. Onuň öňküsi-soňkysy we könesi-täzesi ählisi biziň işimizdir. Biziň içimizden biri Merwany[50]-da öldürdi. Biz iri bedenli, uzyn we gür saçly, süýri kelleli, eginlek, giň maňlaýly, ýogyn boýunly, uzyn golly adamlardyrys. Biz iň köp erkek çaga dogrujy, nesil ýetişdiriji, iň azy ekiz çaga dünýä indiriji, nesli arassa, iri süňkli, daýaw, güýçli, beden agzalary sagdyn adamlardyrys. Biziň bedenimiz ýarag götermäge çydamly bolup, galkanlarymyz bilen görenleri haýran galdyrýarys. Biz iň köp ýerasty baýlykly we san boýunça köp halkdyrys. Eger biziň Mawerennahrda ýaşaýan halkymyzyň ilat sany san boýunça ýajuj we mäjuj deňeşdirilse hem biz olardan artyk geleris. Biziň ýaly güýçli, kuwwatly kowum adlardan[51], semudlardan[52], amalykalardan[53] we kenganylardan[54] başga hiç wagt dünýä inen däldir. Eger ýeriň ýüzündäki atlylar we çapyksuwarlar bir ýerde jemlense, biz hem şol ýerde bolsak, ähli adamlaryň gözüne biz olardan has haýbatly görüneris. Olar biziň çapyksuwarlarymyzyň ussatlygyny, beýleki kowumlaryň göterip bilmejek baýdagyny pasyrdadyşlaryny görerler. Şol wagt biziň döwletiň esasy diregi bolan halypalara gulluk edip, soltanlary goldamak üçin ýaradylandygymyza göz ýetirerler.

Eger Tibet halky, Zabyjyň[55] adamlary, hintleriň atly goşuny, rum atlylary bir ýere jemlense, olaryň üstüne Haşym ibn Aştahunç[56] hüjüm etse, olar ýaraglaryny taşlap gaçmakdan başga çäre tapmazlar. Biz sakgally, akylly, ylalaşykly, düşünjeli we giň dünýägaraýyşly adamlardyrys.

Biz Şam goşuny ýaly kesekileriň namysyna degýän we kanuna boýun egmeýän adamlar däldiris. Biz ynamly we ar-namysly adamlardyrys. Biz ruhubelentlik bilen kanagatlylygy, halypalara hyzmat etmekdäki sabyrlylygy, uzak serhetlerde gulluk etmäge bolan gaýratlylygy özümizde jemläp bilýän halkdyrys. Biziň geň galdyryjy depimiz, uly baýdagymyz bardyr. Biziň galkanymyz, jaňymyz, donumyz, uly keçämiz, ujy towlam-towlam gynymyz, burum-burum murtumyz, Şam telpegimiz, şahryýa[57] atlarymyz bardyr. Elimizde kafarkubat[58] bilen palta, bilimizde hanjar bardyr. Biz gylyç göterip, at üstünde oňat durýarys.

---

çykyp, tötänden agyr ýagdaýa düşýär. Soň Abu Müslimiň goşuny bilen çaknyşýar. Bu söweşleriň birinde Sarahsyň derwezesiniň öňünde hijri ýyl hasaby bilen 130-njy ýylda öldürilipdir.

[47] Bu ýerde ýokarda agzalan adamlaryň başyna musulmanlaryň hendek söweşinde kapyrlaryň başyna salan günün salandyrys diýilýär.

[48] Nubata ibn Hanzala Kilaby – Ümewileriň soňky ýyllaryndaky esasy serkerdebaşylaryň biri. Ol Kahtaba tarapyndan hijri ýyl hasaby bilen 130-njy ýylda (milady 747-nji ýyl) şehit edilýär.

[49] Abyl Haýzam Amyr ibn Zubara Tatafany – Şamyň Hawran şäherinden bolup, Ümewileriň soňky ýyllaryndaky serkerdebaşylarynyň biri. Ol Kahtaba tarapyndan hijri ýyl hasaby bilen 131-nji ýylda (milady 748-njy ýyl) öldürilýär.

[50] Bu Merwan Ümewileriň soňky halypasy Merwan Hymardyr. Ony kimiň öldürendigi barada dürli garaýyşlar bar.

[51] Ad – Ýemende ýaşan gadymy taýpanyň ady.

[52] Semut – araplaryň gadym taýpalarynyň biriniň ady.

[53] Amalyka – Ymlak ibn Lawaz ibn Aramyň nesli.

[54] Bir milletiň ady.

[55] Ýhtimal bu ýerde Zabul, Zabulystan göz öňünde tutulýan bolsa gerek.

[56] Haşym ibn Aştahunç – horasanlylaryň meşhur serkerdeleriniň biri.

[57] Şahryýa – Horasanda ýetişdirilen atyň bir görnüşi.

[58] Kafarkubat – Horasanlylaryň söweşde kapyrlara garşy ulanan ýaraglarynyň biriniň ady.

Biziň göwreli aýalyň çagasyny düşürip biljek derejede güýçli hem aýylganç sesimiz bardyr. Horasanlylar edebiýat, pelsepe, matematika, geometriýa, aýdym-saz, himiýa, fykh we hadys bilen baglanyşykly näçe sungat bar bolsa, olary öwrenip, bu hünärler boýunça uly abraýa ýetip, dünýädäki alymlardan üstün çykdylar. Biz sowut hem üzeňňi ýaly zatlary we söweş ýaraglarydyr geýimlerini taýýarlaýarys. Bize ýaşlykdan çöwgen topuny oýnatmak, atyň üstüne böküp münmek ýaly tilsimleri öwredip, terbiýe berýärler. Ýaşymyz ulalyp, jahyl çykanymyzda tabt[59] we çöwgen oýnamak, ýere dikilen nyşanany urmak, asmanda uçup ýören zady mergenlik bilen atmak, söweşde mekirlik ulanmak, awa naýza sançmak, guş atmak, duşmana hüjüm etmek, yza çekileniňden soňra gaýtadan hüjüme geçmek ýaly tilsimleri öwredýärler.

Biz iň abraýly ýere we öňe saýlanmaga laýyk adamlardyrys.

[59] Tabt - top bilen oýnalýan oýun.

## ARAPLARYŇ BEÝANY

Soňra sen şeýle diýdiň: «Ol adam araplar barada şeýle-şeýle sözleri beýan etdi: Araplaryň beýany «Araplaryň birek-birege bolan gowy gatnaşyklary, has golaý ganybirligi, gadymylygy, ata-babalaryna we kowum-garyndaşlaryna hormaty, peýdaly zada şükür ediji häsiýetleri, öwgüli taraplary dünýä dursa durjakdyr ýyldyz görünse, hajylar telbiýe[60] aýtsa, daň şemaly össe, zeýtunyň ýagy sykylyp alynsa, nesilden-nesile dowam etjek sözler bilen goşgy we kyssa beýan edilse dowamaty dowam etjekdir. Döwletiň syýasatyny goldap, ata-babalarynyň miras galdyran abraýly ýoluny gorap saklajak araplardyr. Bu däp araplardan başga milletleriň urp-adaty däldir».

Araplar özleri hakynda şeýle diýýärler:

Biziň aýratynlyklarymyzy kapyýaly şygyrlar bilen ýazylan diwan kitaplarymyz doly subut edýär. Biz ony hat-sowady ýok adamlaryň aňyna ornaşdyrýarys.

Biz kazylaryň öňünde hakymyzy talap edip bilýän, abraýymyz we namysymyz ugrunda göreşýän, iki tarapy ylalaşdyryjy kaza ynam bildirýän adamlardyrys. Biz nogsanly taraplarymyzy tankyt edip, gowy häsiýetlerimiz bilen öwünip bilýän halkdyrys.

Biz şejerämizi ýatdan bilýän, birek-biregiň hukugyna has oňat hormat goýýan halkdyrys. Biz soňraky nesillerimiziň aňyna ata-baba däplerimizi ata-babalarymyzyň yzy ýitip, ady unudylmaz ýaly gylyçdan ýiti, naýzadan ötgür sözler bilen goşgy setirlerine geçirip ornaşdyrýarys. Ony kyssa görnüşinde ýat tutýarys.

Halypalary goramak we olary goldamak ugrunda edilen söweş bilen bir zat tama edilip uruşmagyň arasynda tapawut bar. Bu meselede has köne we öňki goragçy soň gelen adamdan gowudyr. Garaz, ýakyn we köne dost täze ýa-da soň gelen adamdan ýokarydyr.

Abraý, mertebe üçin ylgaýanlar iki topardyr. Olar sistanly we çarwa araplarydyr.

Abu Abdylhamyt Kahtaba ibn Şabyp Tagy,[61] Abu Muhammet Süleýman ibn Kasyr Huzagy,[62] Abu Nasyr Mälik ibn Haýsam Huzagy,[63] Abu Dawut Halyt ibn Ybraýym Zuhly,[64] Abu Amr Lahyz ibn Kuraýz Maragy,[65] Abu Uýaýna Musa ibn

---

[60] Musulmanlaryň haj döwründe ýerine ýetirýän dogasy.

[61] Kahtaba ibn Şebip Tagy – Muhammet ibn Alynyň çagyryşyny kabul eden adamlaryň biri. Ol hijri ýyl hasaby bilen 100-nji ýylda on iki sany nakybyň biri edilip saýlanýar.

[62] Süleýman ibn Kasyr Huzagy Merwezi belli serkerdeleriň biri. Ol Abu Müslim Horasany tarapyndan hijri ýyl hasaby bilen 132-nji ýylda öldürilýär.

[63] Abu Nasyr Mälik ibn Haýsam Huzagy – Abu Müslim bilen Horasanda bolupdyr.

[64] Abu Dawut Halyt ibn Ybraýym Zuhly – Mansuryň döwründe hijri ýyl hasaby bilen 137-nji ýylda Horasanyň häkimi bolýar.

Kagp Marrany,[66] Abu Sähl Kasym ibn Mujaşy Muzany[67] ýaly nakyplar we olaryň derejesinde bolanlaryň köpüsi arassa araplardyr. Bu nakyplaryň arasynda Mälik ibn Tawwaf Muzamy ýaly adamlar ýokdur.

Üstesine-de, Merwan II öldüren, Ibn Hubaýrany ýeňlişe sezewar eden, Ibn Zubarany we Nubata ibn Hanzalany öldüren, bu gozgalaňyň we döwletiň düýbüni tutan araplardan başga birimi? Sint welaýatyny basyp alan Musa ibn Kagp dälmi? Demirgazyk Afrikany boýun egdiren Muhammet ibn Aşgaş dälmi näme?

---

[65] Lahyz ibn Kuraýz – Abu Müslimiň Merwe eden ýörişinde onuň goşunynyň sag ganatynyň serkerdebaşysy bolupdyr.

[66] Abu Uýaýna Musa ibn Kagp Temimi – ilki Abu Müslim bilen Horasanda, soňra Kufede Abul Apbas Saffahyň ýanynda bolýar.

[67] Abu Sähl Kasym ibn Mujaşy Temimi – Abu Müslimiň kazysy.

# MÖWLALARYŇ BEÝANY

Ol adam mövalalar barada şeýle aýtdy: «Möwlalar şeýle diýýärler: Biz halypany ýürekden, çäksiz söýgi bilen gurşaýarys. Biziň nyzamymyz duşmanyň hüjümi wagtynda iň berk nyzam hasaplanýar. Sebäbi aşaky gatlakdaky möwlalaryň özünden ýokardaky hojaýynynyň ynamyny ödemegi hökmanydyr. Çünki onuň abraýy hojaýynynyň abraýy bilen baglanyşyklydyr. Hojaýnynyň abraýynyň pesligi bolsa, möwlalaryň mertebesini gaçyrýar. Möwlalar öz hojaýynynda iň gowy häsiýetleriň jemlenmegini arzuw edýär. Eger hojaýynynyň abraýy-mertebesi beýgelse, onuň saýasynda möwlalaryň hem abraýy we mertebesi ýokarlanýar. Saňa iň ýakyn ýürekden mähirli gulluk etjek hem iň az bahylçylyk etjek hem möwlalardyr.

Bir hadysda şeýle diýilýär: «Öňürti gul bolup, soň azat edilmek ýakynlygy nesil ýakynlygy ýalydyr»[68]. Şonuň üçin biziň araplar tarapyndan halanýan neslimiz, başgalar tarapyndan öwülýän taýpamyz bardyr.

Sabyr dürli-dürlüdir. Olaryň has ýagşysy syry paş etmezlik üçin edilen sabyrlylykdyr. Bu meselede biz beýleki kowumlara meňzemeýän aýratynlyklara eýediris. Biz halypalara has oňat hyzmat etmäge ukyply we ýerine ýetirýän işlerimiz boýunça hem özboluşly häsiýete eýediris. Biz halypalara gulluk we hyzmat edende, çaganyň kakasyna, kakanyň atasyna hoşniýetlilik bilen gulluk edişi ýaly, hyzmat etmegi başarýan halkdyrys. Halypalar möwlalar bilen örän içgin gatnaşyp, olara uly ynam bildirýärler. Olar esasan möwlalaryň işlerinden hoşaldyrlar.

Mansur, Muhammet ibn Aly hem-de Aly ibn Abdylla möwlalar bilen ynamly we hoşniýetli gatnaşyk etmekde beýlekilerden has tapawutlandylar. Olar zeňňileri zeňňiligi, erbetleri erbetligi,[69] garamaýak işlerde işleýänleri aşaky gatlakdadygy sebäpli kemsitmeýärdi. Ol ikisi çagalardan başlap ululara çenli göz-gulak bolmagy wesýet edýärdiler. Hatda ol ikisi möwlalaryň arasynda biri ýogalaýsa, jynaza namazyny-da köplenç özleri okaýardylar. Bu işi doganlary, agalary we olaryň çagalary bilen bilelikde ýerine ýetirýärdiler. Pygamberimiz Mugta söweşinde[70] haşymlylaryň atly-abraýlylary bar bolsa hem, Zeýt ibn Harysany[71] yslam goşunyna serkerdebaşy edip belleýär. Şeýle hem eýelän ýerlerine, onuň özüni häkim belleýär. Ýerli halk hem oňa hormat-sylag goýupdyr.

Mundan başga-da Pygamberimiziň ýarany we ogullygynyň ogly Usama ibn Zeýdiň muhajyrlaryň we ensarlaryň ýokary gatlaklarynyň serkerdebaşysy bolan

---

[68] Bu hadysyň şeýle manysy bar: Öňürti gul bolup, soň azat edilmek ýakynlygy miras meselesinde gan baglanyşygynyň ýerine geçýär.

[69] Erbetleri erbetligi üçin şahsyýet hökmünde kemsitmeýärdi diýen manyda.

[70] Mugta söweşi –8-nji hijri ýylynda Şamda rumlular bilen musulmanlaryň arasynda bolup geçen söweş.

[71] Zeýt ibn Harysa – pygamberimiziň azat eden guly. Ol bu söweşde şehit bolýar.

döwründe Abu Anysa[72], Şakrana[73] we pylan-pylana kömek edendigi barada aýdýarlar.

Döwleti esaslandyran Abu Müslim Abdyrahman ibn Süleýman bizdendir. Abu Müslim ymam Muhammet ibn Alynyň azat eden guludyr. Bu ikisiniň saýasynda döwlet degirmeni aýlandy. Olar döwletiň düzgün-nyzamyny we dolandyryş işlerini ýola goýdular.

Nakyplaryň baştutany, huzaga kabylasynyň möwlalaryndan Abu Mansur, Abulhekem Isa ibn Agýan bilen Abu Mugaýt maşgalasynyň möwlasy Abunnejm Ymran ibn Ysmaýyl hem bizdendir. Biz hem Apbasly gozgalaňynda (hereketinde) horasanlylar we araplar ýaly öwgä mynasypdyrys. Biz iki kowuma-da degişlidiris. Ony hiç bir musulman inkär edip bilmez. Biz halypalara hyzmat etdik. Ýaş wagty arkamyzda göterdik. Aýratyn-da, biziň olardan peýda görmäge, wagyz etmäge, mekdeplerde bile okamaga, bagtymyz açyk bolmagy üçin hökümdaryň nazaryndaky abraýly adamlar bilen bile bolmaga hukugymyz bardyr. Garaz, bizi öwgä mynasyp araplaryň, abraýly horasanlylaryň, mertebeli ebnalaryň arasyna goşupdyrlar. Biz olardan käbir meselelerde tapawutlanýarys.

Biz häsiýeti oňat, iň ynamdar, gürrüňdeş bolmagy arzuw edilýän rehimdar adamlardyrys. Bu aýratynlyklary we häsiýetleri özünde jemläp bilýän halkdan başga kim ýokary orunlara saýlanmaga laýykdyr?!

[72] Pygamberimiziň ýanyna girmek üçin Abu Anis Abu Masruh rugsat berýärdi.
[73] Şakran – pygamberimiziň azat eden gullarynyň biridir. Onuň öňki ady Salyh ibn Adyýdyr.

## EBNALYLARYŇ BEÝANY

Sen ýene gürrüňi dowam edip, ol adamyň ebnalylardan biriniň özüne şulary aýdandygyny aýtdyň:

Meniň aslym Horasandandyr. Horasan bolsa Apbasly döwletiniň esaslandyrylyp, Apbasly gozgalaňynyň dörän ýeridir. Bu gozgalaň, bu kesgir dil şol ýerde ýüze çykdy, şol ýerden atylyp ýaýrady. Bu deňiz şol ýerde joş urdy. Netijede, hakyky eýesini tapdy. Onuň nury dünýäni gurşap aldy. Adalat öz hakyky eýesini tapmak bilen musulmanlary ötüşen kesellerden, agyr dertlerden we mätäçlikden halas etdi. Şeýle-de, batyl gözleri açdy. Aýlanyp-dolanyp mekan tutan ýerim halypalygyň merkezi bolan Bagdatdyr. Ol ýerde Apbasly döwletiniň tarapdarlary we onuň wagyzçylarynyň nebereleri ýaşaýar. Bu ýer Yragyň Horasanydyr[74], halypalyk öýüdir we döwletiň esasy ulgamynyň merkezidir.

Ebnalylardan bolan ol adam ýene şeýle diýipdir:

Biz Apbasly döwletiniň döremegi üçin köp gyzyklandyk we köp alada etdik. Bu ugurdaky üstünlige möwlalardan we araplardan has laýykdyrys. Üstesine-de, biz gysga gylyjyň, uzyn naýzanyň saýasynyň aşagynda hiç kimiň inkär edip bilmejek sabyr-takatyna eýediris. Naýzadyr gylyç döwlen wagty hem gahrymanlarça başa-baş söweşýäris. Pyçaklar bilen urşup, gorkman hanjara garşy ýöreýäris.

Biz söweş meýdanynyň gahrymanlary, çykgynsyz ýagdaýyň ussadydyrys. Söweşde gaýduwsyzlyk görkezmegi we synagdan üstünlikli geçmegi başarýarys. Biz esgerlere haýbat atmagy, goşuna bezeg berýän muşahharaty[75] geýip, naýzalaryň arasyndan ýöräp, iki garşydaşyň arasynda tapawutlanmagy başarýan halkdyrys. Biz ýyrtyjy hem ýyndarma adamlardyrys. Şäherleriň gala diwarlaryny böwsüp geçýäris. Biz gylyç, naýza bilen döş gerip, söweş edýäris. Biz daşlary uçut gaýalardan togalap, sütünleri ýumurýarys. Biz çarwa araplaryň kalbyna howsala aralaşyp, horasanlynyň umydyny üzen wagty ýaragyň urgusyna gaýtargy bermegi başarýarys. Biz zuluma mertlik bilen jogap berýän, bir meselede dawa ýüze çyksa, oňat delil getirýän danalardyrys. Biz dogruçyllygy söýýän, nähaka berk gaýtawul berýän, taýakdan çekinmeýän, nähaklykdan uzak durýan, täleýe az boýun egýän, dostlarynyň, dogan-garyndaşlarynyň zulumyna sabyr edýän kowumdyrys. Biz hendek, köpriniň öňündäki söweşlerde we ýol ugrunda gyryldyk. Köçelerde ýarag bilen urşup, bendileriň söweşine gaýtawul berdik. Bu barada hulaýdylardan, kutaýfylardan, bilälilerden, harbilerden[76] soraň. Biz garakçylyk hem edýäris. Köçede ýa-da ýol ugrunda, adamlaryň gözüniň öňünde adamlary öldürýän

[74] Bu ýerde Yragyň Horasany diýlip Bagdat göz öňünde tutulýar.
[75] Muşahharat – her bir tarapy başga reňkde bolan harby lybas.
[76] Bagdatdaky kiçi etraplaryň ýaşaýjylarynyň atlary.

halkdyrys. Biz hemişe ylgap ýa-da howlugyp ýöreýäris. Pyýada ýörän wagtymyz uzyn naýza göterýäris. Eger atly bolsak, gol bilen atyp bolýan gysga naýzany we ýaýy ulanýarys. Biz duzak gursak, soňy ölüm ýa-da täsiri güýçli zäher bilen gutarýar. Bizde duşmanyň ýagdaýyny öwrenen adam goşun serkerdesi bolýar. Gündiz söweşişimiz ýaly, gije hem söweşýäris. Gury ýerde çaknyşyşymyz ýaly, suwuň üstünde hem uruşýarys. Şäherde gozgalaň edişimiz ýaly, obalarda hem tupan turuzýarys.

Biz biri-birimizden aýra düşen wagşy adamlardyrys. Görmegeý boýly, uzyn sakgally, oňat oralan selleli, agyr ýüzli bolmak bilen bir hatarda, has köp iş bitirýäris we serhetde erkek ýaly söweşýändiris. Biz gahrymançylyk we mertlikden başga hat-ýazuwdan, fykhdan we rowaýatdan hem baş çykarýarys. Bagdat doly biziňkidir. Biz dursak, Bagdat hem durar. Biz hereket etsek, Bagdat hem hereket eder. Bütin dünýä Bagdada baglydyr. Bagdadyň ýazgydyna boýundyr. Bagdadyň ýagdaýy şeýle bolansoň, bütin dünýäniň oňa meňzejek bolmagy, ýagny halkyň özbaşyna aýry topary onuň aýry toparyna, ýolbaşçylaryň onuň ýolbaşçylaryna, gowy adamlaryň onuň gowy adamlaryna meňzemegi tebigydyr. Biz halypalar tarapyndan ýetişdirilen wezirlere goňşy adamlardyrys. Biz hökümdarlaryň hemaýaty, halypalaryň kanagaty bilen önüp-ösdük. Biz olaryň edebini, gylyk-häsiýetlerini özümize görelde edip aldyk. Biz olardan başgasyny tanamaýarys, başgalar bilen baglanyşygymyz ýokdur. Olaryň häkimiýetine dalaşýanlar, olaryň garşysyna gozgalaň turzanlar bizi iýip bolaýjak lukma hökmünde görenokdylar. Bu aýratynlyklary we häsiýetleri özünde jemlän adamdan başga kim halypalylyk ornuna saýlanmaga mynasypdyr?!

# GIRIŞ

**Mähirli we rehimli Allanyň ady bilen!**

Alla seni öz penasynda aman saklasyn! Indi türkmenleriň aýratynlyklaryny başga bir milletiň öwgüli tarapy bilen deňeşdirip geçeliň. Bu kitapda olaryň aýratynlyklary bilen başga bir milletiň arasyndaky tapawutlylygy deňeşdirmäge synanyşsak, onda jedelçileriň ýoluny tutdugymyz bolar. Biz şeýtsek, mezhepleriň arasyndaky çekişme usulyny dowam etdigimiz bolar. Emma biziň bu kitaby ýazmakdan maksadymyz başgadyr. Ýokarda belläp geçen milletlerimiziň arzuw-hyýallary dürli-dürli bolsa-da, biziň maksadymyz olaryň arasyny birleşdirmek, ýüreklerini biri-birine ysnyşdyrmakdyr. Olaryň garaýyşlarynyň bir, maksatlarynyň aýdyň bolup, kalplarynyň birek-birege bolan hoşniýetliligini gazanmakdyr.

Men bu eseri nesilleriň biri-birinden uzaklaşyp, aralaryndaky milli hem adamkärçilik duýgularynyň näderejede açylandygyny beýan etmek üçin ýazdym. Goý, duşmanlar bu adamlaryň pälini üýtgetmesin we ýalan-ýaşryk we sebäpsiz şübheler bilen olaryň arasyny bozmasyn. Çünki bilimli mynapyk, hilegär duşman özünden aşakdaky gatlaga ýalany dogry ýaly edip görkezmegi başarýar. Ol akylsyzlara ätiýaçlyk eşigini geýdirýär.

Häzirlikçe diňe rowaýat edilip, beýnimizde galan sözlerimiziň, gören-eşiden we şaýat bolan zatlarymyzyň, adamlaryň dilinden diňlän kyssalarymyzyň bir böleginiň üstünde durup geçeliň. Şeýle-de, bu milletleriň ählisiniň ulanýan gurallary we enjamlary barada söhbet etmekçidiris. Ondan soň olaryň arasynda haýsysynyň gurallary oňat ulanyp bilýändigine, haýsysynyň has zehinlidigine, bada-bat meseläniň çözgüdini tapýandygyna, çalasyndygyna, giň dünýägaraýyşlydygyna, işi has oňat başarýandygyna, aň-düşünjesiniň ýokarydygyna, özboluşly häsiýetleriň köpüsini özünde jemleýändigine, ýaraglary ussatlyk bilen oýnadýandygyna, söweşde haýsynyň peýdasynyň ýa-da zyýanynyň köpdügine, ýetişiklidigine, has hilegärdigine, özüni gorap bilýändigine we has çykgynsyz ýerlerde çäre tapmaga ukyplydygyna seredip geçeliň.

Goý, kitaby okap netije çykarmak we manylaryna üns berip, dürli ýerlerini deňeşdirip, baplaryň üstünde pikirlenip, öňüni-soňuny deňeşdirip görmek okyjynyň paýy bolsun. Biz bir tarapy ýokary tutup, olaryň käbirlerini beýlekilerden tapawutlandyrmak üçin ýüki öz üstümize almaly. Öz garaýşymyz barada ýekeje söz hem aýtmaly. Eger kitabymyzy şu aýdylan görnüşde ýazsak, onda bu kitap dawa-jedel boýunça öz isleglerine görä ýazylan eserlerden tapawutlanar.

Käbir adamlar harby toparyň atlarynyň görnüşi, bölümi we ýazgysy boýunça birmeňzeş däldigi, şoňa görä manylarynyň hem aýrydygy barada pikir edipdirler.

«Şakryýa»[77] sözüniň görnüşi, ýazylyşy we boguny boýunça «jünd»[78] sözünden başgaçadygyny göreňzokmy?! Ýöne onuň many aňladyşy biri-birinden uzak däldir. Iki söz hem birmeňzeş manyny aňladýar. Şeýle-de, «şakryýa» we «jünd» sözleri halypa boýun bolmagy, soltany goldamagy hem aňladýar.

Möwlalar birnäçe sebäpler arkaly araplardan hasaplanylýar. Olar medeni gatnaşyklarda araplaryň hatarynda görülip, daýyny kaka[79], ornunda, ylalaşykly ýaşaýanlary gan garyndaşy we aýal doganynyň ogluny (ýegenini) bolsa özi bilen bir taýpadan[80] diýip hasaplamagy has geň galdyryjydyr. Şeýle hem mulagana[81] aýalyň çagasy äriniň öýünde dünýä inse-de, ejesine degişli edildi.

Ysmaýyl pygamber ene-atasy arap bolmasa hem arap diýlip bilinýär. Sebäbi Allatagala ony adatdan daşary güýç bilen terbiýeläp, arap edebi dilinde gürletdi[82]. Mundan başga-da geň galdyryjy tarapy, ony hiç bir taýýarlyksyz gepe çeper edip ýaratdy. Ol häsiýeti boýunça arap boldy. Allatagala onuň bedenine araplara laýyk zatlary ýerleşdirdi. Oňa araplaryň gylyk-häsiýetini we ahlagyny bagyş etdi. Ol Ysmaýyly araplaryň içinde iň jomart, abraýly, gaýratly, ýokary derejede sylag-hormatly nurly we has mertebeli ýaratdy. Bu aýratynlyklary onuň pygamberliginiň delili etdi. Netijede, ol bu milletiň özboluşly adamkärçilik häsiýetini özünde jemläp, uly abraýa mynasyp boldy.

Ebnalylar doglan ýerleri boýunça horasanly, möwlalar bolsa nesil we gan gatnaşygyna görä arapdyr. Meselem, biz Zeýdiň Amryň neslinden zynanyň netijesinde dünýä inendigini bilýäris. Emma onuň Amryň neslindendigini anyk bilsek-de, Amryň ogly diýip kabul edemizok[83].

Pygamberimiz Muhammet alaýhyssalamyň aýallaryna musulmanlary dünýä indirmese-de ýa-da emdirmese-de, «möminleriň enesi» diýlipdir. Bir kyragata[84] görä «Kakaňyz Ybraýymyň milletidir», şeýle hem «Onuň (pygamberiň) aýallary, olaryň (möminleriň) ejesi, pygamber bolsa kakasydyr»[85] diýilýär.

Allatagala süýt berýändigi üçin aýaly eje[86], bir adamyň aýalyny bolsa başga bir aýal sebäpli «ümmül-welet»[87], terbiýeçi we agasyny kaka[88] etdi. Görşümiz ýaly, adamlar Allatagalanyň islän görnüşine girip bilýän gullarydyr.

---

[77] Şakryýa – esger, hakyna tutma we hyzmatkär. Bu söz birlik sanda «şäkiri» bolup, köne türkmen dilindäki «çäkir» sözüniň arapçalaşan görnüşidir.

[78] Jünd – esger.

[79] Çeşmelerde şunuň bilen baglanyşykly aýat ýa-da hadysa duş gelinmedi. Ýöne daýza barada «Daýza ejeň ornundadyr» diýen hadys we türkmenleriň arasynda bolsa «Dogran eneň bolmasa, dogan daýzaň ýokmydy» diýen aýtgy bar.

[80] Bu ýerde: «Seniň aýal doganyň ogly şol kowumdandyr (ýegeniň şol kowumdandyr)» diýen hadysyň mazmuny göz öňünde tutulýar.

[81] Mulagana – öz äri tarapyndan güwäsiz bozuk diýlen aýal.

[82] Bir hadysda «Bu arap dili Ysmaýyla ylham edildi» diýilýär.

[83] Hadysda şeýle diýilýär. «Çaga kimiň düşeginde dünýä inse, oňa degişlidir. Zyna eden daşlanylar».

[84] Kyragat – Gurhanyň okalyş usuly. Gurhan okamagyň birnäçe (ýedi) görnüşleri bar.

[85] Bu kyragat Ubaý ibn Kagp we Abdylla ibn Mesgutdan gelýän kyragatyň bir görnüşidir.

[86] Bu ýerde Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 23-nji aýaty göz öňünde tutulýar.

[87] Ümmül-welet – hojaýynyna çaga dogrup beren gyrnak. Bu ýerde Ybraýym, Sara we Hajar meselesi göz öňünde tutulýar. Çünki Sara bir tarapdan Ybraýymyň aýaly, beýleki tarapdan bolsa «ümmul weletdir». Aslyýetinde Hajar Saranyň gyrnagydyr. Ol Hajar tarapyndan Ybraýym pygambere sowgat berilýär. Ol hem «ümmul welet» bolýar.

[88] Bu ýerde Ysmaýyl pygamber Ýakup pygamberiň agasy bolsa-da, kaka hökmünde agzalýar.

Allatagala islese gullaryny arap ýa-da başga milletden, kuraýyşly ýa-da zeňňi eder. Ol adamy islese erkek ýa aýal, islese hunsa[89] edip ýaradar. Käbirlerini jyns çäklerinden çykaryp, oglan, gyz ýa hunsa edip ýaratmazlyk Allanyň emrindedir. Ähli ýaradylanlardan üstün bolan perişdeler şol görnüşde ýaradylypdyr.

Allatagala adamy eje-kakasyz toprakdan ýaradyp, topraga meňzetdi.[90] How enäni Adamyň gapyrgasyndan ýaradyp,[91] oňa ýoldaş etdi.[92] Biz Isany kakasyz ýaradyp, ejesine degişli etdik.[93]

Allatagala jynlary alawly otdan[94], Adamy toprakdan[95], Isany damjasyz (atasyz)[96], asmany dumandan[97], ýeri suwdan[98], Yshagy önelgesiz aýaldan[99] ýaratdy. Isa sallançakda dil açdyrdy,[100] Ýahýa heniz çagaka hikmetli sözleri aýtdyrdy[101]. Süleýmana guşuň, garynjanyň dilini öwretdi[102]. Goraýjy perişdelere ähli dilleri öwretdi. Netijede, dürli ýazuwda ýazyp, ähli dilde gepleşdiler. Uhban ibn Awsa gurt bilen gepleşmegi öwretdi[103].

Musulmanlar jennete girenlerinde, olar hiç hili tapawutlandyrylman, hatda çagalar we däliler hem öwredilip ýa-da terbiýe berlip däl-de, jennetdäki halkyň dilinde[104] gepleşer.

Nadanlar Allatagalanyň Ysmaýyly kakasyndan hat-sowat öwrenmezden we terbiýeçilerden terbiýe almazdan, arap diline gürledişine haýran galýarlar. Bu barada garşydaş bolsa-da, kahtanlylardan biri adnanlylardan geň galyp sorapdyr. Adnanlydan bolan adamyň beren jogaby bolsa ýerlikli, täsirli we öwüt-ündewden doly manyly sözlerdi. Çünki kahtanlylar onuň pygamberdigini öňe sürmeýärler hem-de «Näme üçin Allatagala oňa şeýle täsinlikleri bagyş etsin?» diýýärler.

---

[89] Hunsa – iki jynsly.

[90] Bu ýerde Gurhanyň 38-nji («Sad») süresiniň 71-nji aýaty göz öňünde tutulýar: «Ýatlaň, Perwerdigäriňiz perişdelere diýipdi: «Elbetde, Men toprakdan bir adam ýaratjak».

[91] Muňa degişli hadysda: «How ene Adamyň gapyrgasyndan ýaradyldy» diýilýär.

[92] Bu ýerde Gurhanyň 30-njy («Rum») süresiniň 21-nji aýaty göz öňünde tutulýar: «Onuň aýatlaryndan (ýene biri) Onuň siziň hemdem bolmagyňyz üçin özleriňizden jübüt ýaradandygydyr we araňyzda aşnalyk we mähir-muhabbet ýaýradandygydyr».

[93] Bu ýerde Gurhanyň 3-nji («Ymran») süresiniň 45-nji aýaty göz öňünde tutulýar.

[94] Bu ýerde Gurhanyň 15-nji («Hijr») süresiniň 27-nji aýaty göz öňünde tutulýar: «Jyny (ýagny Iblisi) bolsa, (Adamdan) öň ataş-otdan ýaradypdyk».

[95] Bu ýerde Gurhanyň 38-nji («Sad») süresiniň 71-nji aýaty göz öňünde tutulýar.

[96] Bu ýerde Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 171-nji aýaty göz öňünde tutulýar.

[97] Bu ýerde Gurhanyň 41-nji («Fussilet») süresiniň 11-nji aýaty göz öňünde tutulýar.

[98] Bu ýerde Gurhanyň 21-nji («Enbiýa») süresiniň 30-njy aýaty göz öňünde tutulýar: «Alla ähli zada suw bilen jan berdi».

[99] Bu ýerde Gurhanyň 11-nji («Hud») süresiniň 73-nji aýaty göz öňünde tutulýar.

[100] Bu ýerde Gurhanyň 3-nji («Ymran») süresiniň 46-njy aýaty göz öňünde tutulýar.

[101] Bu ýerde Gurhanyň 19-njy («Merúem») süresiniň 12-nji aýaty göz öňünde tutulýar.

[102] Bu ýerde Gurhanyň 27-nji («Neml») süresiniň 16-18-nji aýatlary göz öňünde tutulýar.

[103] Habarlarda: «Bir wagt bir çopan Medinäniň ýokary tarapynda goýun bakyp ýörkä, gurt goýnuň üstüne topulýar. Çopan goýun bilen gurduň arasyna girýär. Gurt: «Sen men bilen Allanyň maňa beren ryzkynyň arasyna girýärsiňmi?» diýlip getirilýär. Uhban ibn Aws Esleminiň ady käte Wahban görnüşinde hem agzalyp geçýär. Ol Pygamberimizi agajyň aşagynda ilkinji kabul eden musulmanlaryň biridir. Ol Mugawyýanyň döwrüne çenli ýaşapdyr. Ibn Sakan gurt bilen gürleşen kişiniň şoldugyny nygtaýar. Ibn Kelbi Abu Ubaýt Balazury, Tabary bolsa, «gurt bilen gepleşen şahs Uhban ibn Akwa» bolmaly diýýär.

[104] Pygamberimiziň hadysynda şeýle diýilýär: «Araplary üç sany zat sebäpli söýüň. Çünki men arap, Gurhan arap dilinde we jennet halkynyň dili arapçadyr».

Adamlaryň arasynda Allanyň kömegi bilen beýgelýän adam ýer ýüzündäki maddalaryň arasynda ýüze çykýan gymmatlyga meňzeşdir. Allatagala ýeriň bir bölegini daş edip ýaradypdyr. Bu daşlaryň bir bölegini ýakut, altyn, gurşun, mis, kümüş, demir, gum we bişen toprak edip ýaradypdyr. Şeýle-de, onuň demir sulfaty, gyzyl çäge, kükürt, sürme[105], naşatyr, markaşyşa[106] we magnit ýaly görnüşleri-de bar. Ýeriň ýüzündäki bu gymmatbahaly jisimleri we magdan ojaklarynyň görnüşlerini kim sanap biler?

Ýagdaý şeýle bolansoň, ebnalylardan bolan horasanly möwla bolýar, möwla hem arap bolýar. Şeýle bolansoň, ebnalylaryň, möwlalaryň we araplaryň bir zat boldugy bolýar. Iň bolmanda bulary birleşdirýän zat aralaryny aýyrýan zadyň üstüni örtýär. Tersine, olar hal-ýagdaýlary we gelip çykyşlary boýunça birdir. Şoňa görä türkmenler horasanly bolup, halypalara has ýakyn garyndaş bolan möwlalardandyr. **Garaz, türkmen ählisinden ýokary üstünlige eýedir. Olaryň hemmesinden abraýlydyr.**

Bu ýagdaý äşgär bolansoň, beýleki serkerdeler türkmen bilen hoşniýetli gatnaşyk açdylar. Olaryň aralarynda diýdimzorluk aradan aýrylyp, duşmançylyk ýok boldy. Soňra ýakyn garyndaşlaryň, kärdeşleriň we goňşularyň arasyndaky hemişeki bahylçylyk we göriplik aýryldy. Üstesine-de, garyndaşlaryň, aga-inileriň, tire-taýpalaryň arasynda birek-birege kömek etmek, gowy aragatnaşykda bolmak ýaly oňat häsiýetler ýüze çykdy.

Türkmenleriň birek-birege hemaýat etmegi gowy görýändikleri üçin çöllerde ýaşaýan käbir başga taýpalar hem olara goşulyp, bilelikde göçüp-gonýardylar. Olaryň ýoldaşlaryndan aýrylýany azdy. Şeýle-de, olaryň arasynda agasynyň ogullaryna kömek berip, onda bol nygmatyň bolmagyny arzuw edýän we onuň hemişelik durmagyny isleýän adam nygmatyň dargap, ýok bolmagyny arzuw edýän adamdan köpdi. Dogry, kähalatlarda biri-birine göribilmezlik we goldaw bermezlik ýaly häsiýetleriň ýüze çykmagy tebigydyr. Ýöne bu ýagdaý örän seýrek gabat gelýärdi.

Dünýäde hiç haçan düşnüşmezlikleriň aradan aýrylmagy, adamlaryň arzuw edişleri ýaly rahat we asuda bolmagy we her kimiň deň derejede bolup, erbetliklerden saplanmagy mümkin zat däl. Bu ýagdaý iş öýi[107] bolan dünýäde mümkin bolman, sylag öýi[108] bolan ahyretde amala aşar.

---

[105] Sürme – himiki element.
[106] Orta asyrda ot ýakmak üçin ulanylýan kükürtli maddalara berilýän umumy at.
[107] Dar-ul amal – iş öýi, ýagny dünýä.
[108] Dar-ul jeza – sylag öýi, ýagny ahyret.

## TÜRKMENLERIŇ MERTEBELERI

**Mähirli we rehimli Allanyň ady bilen!**

Men bu kitaby halypa Mugtasym Billäniň[109] döwründe ýazdym. Goý, Allatagala ondan razy bolsun! Onuň ýüzüni ak etsin! Men käbir sebäplere görä, bu kitaby oňa gowşuryp bilmedim. Ol hakdaky gürrüňiň köp wagt aljakdygyny nazarda tutup, bu ýerde ol sebäpler barada durup geçmedim.

Men eseri ynsabyma laýyk ýazmaga çalyşdym we yhlas etdim. Şeýle-de, haýsydyr bir milletiň waspyny ýetirmek bilen käbir adamlar üçin ulaldylyp ýazylan eser bolmagyny islemedim. Eger eser şeýle görnüşde bolsa, onda onuň özeni ýasama bolardy. Kitapda beýan edilen ýalan-ýaşryk gürrüňler, birnäçe gezek aýdylan zatlar, sözüň manysyny gaçyrýar, düşünmegi kynlaşdyrýar we erbet täsir döredýär.

Taryp edilýäne has köp peýda berýän, oňa has köp haýry degýän iň gowy yz we ýatdan çykmajak ýatlama galdyrýan zat dogry wasp hem-de oňa laýyk we mynasyp bolan öwgüdir. Şonuň üçin wasp edýän adamyňy görkezip aýtmalysyň. Men şeýle diýýärin:

Türkmenleriň özboluşly aýratynlygy barada durup geçmek üçin beýleki esgerleriň kemçilikleri barada aýdyljak bolsa, onda bu eseri bir gyra taşlamak dogry bolardy.

Türkmenleriň köpüsiniň oňat häsiýetlidigini aýdyp, az mukdardaky kemçiligini aýdyp durmagyň hem hajaty ýok. Sebäbi iki häsiýet biri-biri bilen ylalaşmaýar. Çünki köpçüligiň gowy häsiýetlerini hemişe aýdyp durmaklyk diňe bir borjumyz bolman, eýsem, üstümize ýüklenen borç şol zatlaryň üsti bilen jemgyýetdäki erbetligi az mukdarda bolsa-da düzetmeklikdir. Parz zat birnäçe meýletin zatdan peýdalydyr.

Her kimiň günäsi-de, kemçilikden nesibi-de bardyr. Adamlar biri-birlerinden gowy taraplary bilen birlikde, erbet taraplarynyň hem bardygy bilen tapawutlanýarlar. Olaryň içinde ähli ýagşy häsiýetleri özünde jemläp, ähli erbetliklerden saklanýanlary aňsat göze ilmeýär.

Nabyga[110] şeýle diýýär:

Kemsiz dosty tapmarsyň sen hiç haçan,
Kemsiz adam duşmaz saňa hiç mahal.

---

[109] Abu Yshak Muhammet ibn Harun Reşit Mugtasym Billä Apbasly – hijri ýyl hasaby bilen 218-nji ýylda halypa bolýar. Ol Samarra şäherini bina edipdir. Hijri ýyl hasaby bilen 227-nji ýylda (milady 842-nji ýyl) Şamda aradan çykýar.

[110] Zyýat ibn Mugawyýa Nabyga Zubaýny – jahylyýet döwrüniň tanymal şahyrlarynyň biri.

Harys Sagdy[111] şeýle diýýär: «Dostlugy adaty gündelik durmuşa meňzeş, her gün dürli öwsüp duran bir dostum bar. Bir häsiýetini ýazgaryp düzetdirsem, onuň beýleki ýazgarmaýan häsiýetim meni özüne çekýär».

Bassar[112] bolsa şeýle diýýär:

«Sen her bir işde dostuňy tankyt etseň, soňra tankyt etmäge adam tapmarsyň. Ýa ýeke ýaşa, ýa-da dostuň bilen oňat gatnaş. Ol kähalatda günä iş eder, käte bolsa günäden gaçar. Käte-käte telim gezek üstüne çöp-çalam we saman düşen suwdan içip başarmasaň, teşne galarsyň. Haýsy adamyň içen suwy hemişe arassadyr?».

Bu barada Mutyg ibn Yýas Leýsi[113] şeýle diýýär:

«Eger ömürboýy günä iş etmedik adam bilen dost bolmak isleýän bolsaň, hernäçe gözleseň-de beýle adamy tapmarsyň. Deňi-taýy bolmadyk beýle adam nirededir?! Meniň dostum ýalňyşymy bagyşlaýan, dostunyň kemçiliginiň az bolmagyny oňat görýän adamdyr».

Goşunda gulluk eden Muhammet ibn Sagyt[114] şeýle diýýär: «Men ömrümde mümkinçilik dörese, ägirt uly ýagşylygy üçin Amra: «Sag bol» aýtjak. Ol şeýle bir üýtgeşik adam welin, elindäki zadyny dostundan gaýgyrmaýar. Ol meniň arzuw-islegimi görünmeýän tarapyndan gördi. Meniň isleg-mätäçligim aradan aýrylýança, şol mesele onuň gözüniň öňünden aýrylmady».

Öňler araplaryň arasynda haýyr iş üçin dürli toparlardan baý-garyp diýmän hemmeler bir ýere jemlener eken hem-de araplaryň öz arasynda käbir adamlaryň geçip boljak günäsiniň bagyşlanmagynyň ahlak taraplary deňeşdiriler eken. Durmuşda adamlaryň arasyndaky peýda berýän gatnaşyklarda oňat täsir edýän zat aň-düşünjedir. Şoňa görä ätiýaçly, güýçli, mertebeli, ýolbaşçy we hojaýyn bolmak gerek. Allanyň beýikligini goramak, goldaw we hemaýat etmek bilen bir hatarda gowy häsiýetleri özüňde jemlemäge, nesil arassalygyna, ýokary ahlaga, kämil ylymly-bilimli bolmaga, mertebeli bolmaga çalyşmak, pikir ýöredýän adamyň akylynyň ýetmeýän ýerine çenli düşünjek bolmak, bagyşlanmaly ýerinde bagyşlamak, gerekli ýerlerde geçirimlilik etmek gerek. Eger şu häsiýetleri özüňde jemlemegi başarmasaň, beýik Allatagala ýerdäki iň uly dereje bolan halypalyk täjini, ummasyz nygmatyny, iň parlak we ýokary bolan keremliligini bagyş etmez. Halypa boýun bolmak özüňe boýun bolmakdyr. Halypa garşy çykmak özüňe garşy çykdygyňdyr.[115] Onda hiç hili şek-şübhe bolup bilmez.

---

[111] Şahyr Abu Kudama Harys ibn Hylal Sagdy Kurnaýy – Ol Abdylla ibn Hazym Horasanyň häkimikä temimleriň baştutany bolupdyr.

[112] Abu Mugaz Bassar ibn Burd Ukaýly Zaryr – Basrada dünýä inýär. Onuň birnäçe goşgulary bar. Ömrüniň soňunda Bagdatda halypalaryň mejlisine gatnaşýar. Ol halypa Mäti tarapyndan zyndyk diýlip günäkärlenip, hijri ýyl hasaby bilen 167-nji ýylda (milady 784-nji ýyl) öldürilipdir.

[113] Abu Sulma Mutyg ibn Yýas Kinany – Ümewiler hem-de Apbaslylar döwründe ýaşan şahyrlaryň biri. Ol Basrada dünýä inýär we şol ýerde aradan çykýar. Ol hijri ýyl hasaby bilen 166-njy ýylda (milady 783-nji ýylda) Basrada wepat bolýar.

[114] Muhamet ibn Sagyt Kätip Temimi – goşun kätibi, Bagdat şahyrlarynyň biridir. Ol III hijri asyrynyň birinji ýarymynda ýaşapdyr.

[115] Bu ýerde Gurhanyň 4-nji («Nisa») süresiniň 59-njy aýaty göz öňünde tutulýar.

Güýç bilen kuwwat diňe beýik we uly bolan Alladadyr. Indi bolsa türkmenler barada bize ýetip gelen maglumatlary beýan etmekçi. Daryl hulafada[116] halypa tarapyndan kabul edilip gelnen adamlaryň arasynda Muhammet ibn Jahm[117], Sumama ibn Aşras[118], Kasym ibn Seýýar[119] şeýle diýdiler:

Bir wagt Humaýt ibn Abdylhamyt[120], Yhşyt Sugdy, Abu Şujag Şebip ibn Buharahuda Balhy, Ýahýa ibn Mugaz[121] we söweş tilsimlerini, harby ylmy oňat bilýän sanaýmaly tejribeli, taýýarlykly we söweşiň inçe syrlary bilen meşgullanýan beýleki adamlar otyrka Mamunyň[122] ilçisi gelip, olara: «Halypa size aýry-aýrylykda ýa-da bilelikde, öz araňyzda her bir serkerde öz ynanýan ýüz adamsyny saýlap, ýüz sany türkmen ýa-da ýüz sany haryjy bilen duşuşmaly bolsa haýsyny seçerdiňiz? Bu baradaky pikirleriňiziň delilini ýazmaça ýazyň! diýip buýurýar» diýdi.

Bu ýerde oturanlaryň ählisi: «Ýüz sany haryjy bilen däl-de, ýüz sany türkmen bilen çaknyşmagy makul gördük» diýdiler.

Humaýt hiç zat gürlemän dymyp otyrdy. Hemmeler delilini sanap gutaransoň, ilçi Humaýda: «Hemmesi aýtjagyny aýtdy. Ýeri, sen näme aýtjak bolsaň aýt we ýaz. Olaryň tersine bolsa-da, peýdasyna bolsa-da deliliň bilen esaslandyr» diýdi.

---

116 Daryl hulafa – halypalar öýi,halypalyk merkezi.

117 Muhammet ibn Jahm Barmaky, Mamunyň döwründe ýaşan pelsepeçi.

118 Abu Magn Sumama ibn Aşras Numaýry mugtazyla akymynyň esasy wekilleriniň biri, belagatçy (çeper sözli) alym. Onuň tarapdarlaryna «Sumamyýa» diýilýär. Ol hijri ýyl hasaby bilen 213-nji ýylda (milady 828-nji ýyl) aradan çykypdyr.

119 Kasym ibn Seýýar Mamunyň mejlislerine gatnaşan adamlaryň biridir.

120 Humaýt ibn Abdylhamyt Tusy – Mamunyň uly serkerdeleriniň biri.

121 Ýahýa ibn Mugaz – Mamunyň serkerdeleriniň biri.

122 Abulapbas Abdylla ibn Harun Reşit – Mamun Apbasly – Apbaslylaryň ýedinji halypasydyr. Ol hijri ýyl hasaby bilen 198-nji ýylda halypa bolýar. Ol hijri ýyl hasaby bilen 218-nji ýylda (milady 833-nji ýylda) aradan çykýar.

## HUMAÝT IBN ABDYLHAMYDYŇ SÖZLERI

Soňra Humaýt şeýle diýdi: «Men ýüz sany haryjy bilen duşuşmak isleýärin. Sebäbi men haryjylaryň söweşleriň ählisinde tapawutlanýan taraplarynyň türkmenlerde has kämildigini gördüm. Haryjylaryň türkmenlere seredeniňde söweşde doly kämil däldigine göz ýetirdim. Bu meselede türkmenleriň haryjydan ýokarlygy, haryjynyň başga söweşlerdäki üstünligi derejesindedir. Mundan başga-da türkmen haryjydan köp taraplary boýunça ozdurypdyr. Bu barada haryjynyň pikiri ýa-da duýgusy ýokdur. Onuň üstesine-de türkmeniň haryjydan aýratyn özboluşlylygy bar. Olaryň käbir ýerleri haryjylar bilen deň ýaly welin, ýöne olar has howply we köp işe peýda berýändirler».

Humaýt aýratyn hem şuny belledi. «Haryjynyň söweşde tapawutlanýan aýratynlygy şulardyr:

1. Olar söweşiň başynda güýçli hüjüme geçýärler. Bu hüjüm haryjylaryň arzuwlaryna ýetip, maksatlaryny amala aşyrýan pursadydyr.

2. Duşmany aladaňdan ukuda wagty üstüni basyp, weýran etmek. Gaýduwsyzlyk bilen hüjüm etmek, hüjüm edip yza çekilmek. Soňra dem-dynç almaga we pikirlenmäge pursat bermän, bada-bat işini amala aşyrmak üçin ylgap, uzakly gije ýörişi dowam etmek. Duşman şeýle wagtda hiç kimiň munça ýoly geçip biljegini çak edip bilmez.

3. Haryjy başga adam tarapyndan «Islese ýetýär, tutuljak bolsa gaçýar» diýlip tapawutlandyrylýar.

4. Olaryň azyklary we egin-eşikleri azdyr. Haryjy atyny ätiýaçda goýup, gatyra münýär. Islese agşam bir ýerde, ertiri başga ýerde geçirip bilýär. Haryjylar şeýle täsin adamlardyr. Olar öz ýurtlaryndan çykanlarynda yzynda süri-süri mallary, gür agaçly baglary, beýik öýleri, däneli ekinleri taşlaýarlar, emma owadan aýallary ýanyndan aýyrmaýarlar. Olary başga goşun bilen çaknyşmaga höweslendirmek üçin mal-mülki ýokdur. Olar islän ýerinde suw we ýeterlik azyk tapýarlar. Muny tapmadyk halatynda bolsa, ganatlary bilen uzak aralygy ýakynlaşdyryp, belentli-pesli ýerlerden uçup geçip, hiç zat ýygnamaýan we ertirini alada etmeýän guşlar ýalydyr.[123] Haryjylar hem guşlar ýaly iýmit aladasyny edenok. Azyk gutarsa agwajyýa[124] atlary, gatyrlar we beýleki atlar ýüküň ýeňildigi sebäpli uzak aralygy tiz geçmäge kuwwatly bolup, azyk tapmagy ýeňilleşdirýär we hurş bolelin bolýar.

5. Eger hökümdar olara az azyk we ýeňil ýük berip, duşmana garşy ýollasa, duşmanlar haryjylaryň öňünde durup bilmez. Ýüz sany duşman esgeri ýüz sany

[123] Bu belki-de, «Jennete ýürekleri guşuň kalby ýaly bolan adam girer» hadysyň mazmuny göz öňünde tutulýandyr.

[124] Kiçi ýaşda üstüne münülende aýagy egrelip duran atlaryň jynsyndan bolan atlar.

haryjyň öňünde durup bilmez. Haryjylar yzyna düşse, duşman halas bolup bilmezler. Haryjy haçan duşmany ýagmalamak we duýdansyz üstüni basmak islese, duşmana golaýlaşyp, pursat tapyp duşmanyň kem ýerlerini öwrenýär. Olar olja alyp, islän wagty yzyna çekilip, islän wagty duşman güýçleriniň nyzamyny bozup, bir bölegini alyp biljekdigine göz ýetirip hüjüme geçer.

Humaýt: «Ynha, haryjylaryň tapawutlanýan taraplary. Serkerdeler olaryň şu aýratynlyklaryny göz öňünde tutup, olar bilen söweşmek islänoklar» diýdi.

Kasym ibn Seýýar bolsa şeýle diýdi:

«Haryjylar ýüregiňi gobsundyryp, lerzana getirýär. Olar öňündäki päsgelçilikleri ýok edip dargadýar. Olaryň esgerleri we söweşijileri barada halkyň arasynda aýdylýan gürrüňler bar».

Bir şahyr şeýle diýýär:

Gysganç adamdan tagam iýmez myhman,
Ol myhmana misli gapakly gazan.

Başga şahyryň şu beýti aýdypdyr:

Wad dagynyň[125] ýagdaýy üýtgedi.
Indi kütek gylyç haryjynyň elinde,
Ol uran ýerini kesmän yzyna gaýdýar».

Başga bir şahyr şeýle diýýär:

«Tahkim»[126] diýip, agşamara gylyç syryp,
Arslanlar bilen duşuşmak oňa has amatlydyr.

Ýokardaky sözler Kasym ibn Seýýaryň goşmaça aýdanlarydyr.

Humaýt öňki aýdanlarynyň üstüne şulary goşdy:

«Ilkinji hüjüm etmek barada aýdylsa, türkmenler bu meselede örän täsirli, güýçli we sarsman, berk durup bilýärler. **Olar hüjüm edilende öňündäki päsgelçilikleri ýeňip geçmekde ýoldan çykmaz ýaly düşünjäni atynyň beýnisine ornaşdyrypdyrlar.** Eger ýolundan üýtgese, gaty çapmagy öwredipdirler. Beýle ýagdaýda atyny birki gezek aýlamaly bolýar. Sebäbi aty ýolundan aýrylmaýar we çapman durmaýar. Türkmen şeýtmek bilen bir hatarda kelläňe geläýjek dürli zyýanly pikirler barada oýlanypdyr. Türkmenler durmuşy söýüp, duşman bilen garpyşykdan gorkmaz ýaly öňündäki päsgelçiligi ýeňip geçmek üçin umytsyz bolmandyr. Atyny hem şu görnüşde terbiýeläpdir. Oňa heläkçilige uçraýmagy mümkin bolan iki goşunyň aralygynda hiç zat etmän aýlanyp, hüjüme geçilende eýesine seretmezden gitmegi öwredipdirler. Türkmenleriň aty taýýarlyklydygy sebäpli duşmanyň kemçiligini görmän hüjüm etmeýärler. **Türkmen elmydama aldym-berdimli söweşe girende gaçmak, bahana tapmak**

---

[125] Wad dagy – bu ýerde göçme manyda duşuşyk ýeri manysynda bolmagy mümkin.
[126] Tahkim – haryjylaryň şygary bolup, «Hüküm diňe Alla degişlidir!» manysyndadyr.

**diýen zady kellesinden çykaryp, janyny pida eder welin, bir ädim hem yza tesmeýän, dürli hilegärligi birjik-de ünsünden düşürmeýän adamdyr**».

Humaýt sözüni ýene şeýle dowam etdi:

«Haryjy hüjüm edende güýçli naýza urgularyna ynam bildirýär. Türkmenler bolsa haryjylar ýaly, hatda olardan hem has oňat naýza erk etmegi başarýarlar. Hüjüm edilen wagty olaryň müň atlysy, müň sany duşmanyň atly goşunyna ok atsa olaryň ählisini ýere serýär. Şeýle hüjüme hiç bir goşun gaýtawul berip bilmez. Üstesine-de, haryjylaryň we çarwa araplaryň atyň üstünde taryplar derejede erkleri ýokdur.

Türkmen atyň üstünde ýabany haýwany, dikilip goýlan bir zady, uçup barýan guşy nyşana alyp, oky asmana atan ýalydyr welin, atan oky nyşana göni deger. Bukulan awy at üstünde çapyp barýarka urmaga ussatdyr. Ol süýşüp barýan atyň üstünde öňe-yza, saga-çepe, ýokary-aşaga ok atmagy başarýar. Haryjy ýaýyna bir ok goýmanka, türkmen on sany ok atýar. Dag gerişlerinden düşende ýa-da çykanda, oý ýere girende atyny haryjynyň düz ýerde çapyşyndan has gaty çapýar. Türkmeniň ýüzünde iki gözi, ýeňsesinde iki gözi bolup, jemi dört gözi bardyr.

Haryjylaryň söweşiň ahyrynda, horasanlylaryň bolsa söweşiň başynda kemçiligi bardyr. Horasanlylar duşman bilen çaknyşygyň başlan wagty yza çekilýärler. Eger şol wagt gaçsalar, ýeňlişe sezewar bolýarlar. Şunuň ýaly birnäçe gezek yza dolanýarlar. Haçanda duşman goşuny hüjüme geçip, goşuny howp astyna salsa, yza çekilse bolar.

Haryjylar bir yza çekilseler, gaçýarlar. Olaryň yza çekilenden soňra gaýtadan hüjüme geçen ýerleri örän seýrekdir.

Türkmen horasanly ýaly yza çekilmeýär. Yzyna öwrülen halatynda hem adam öldürýän zäher ýaly işiňi tamamlaýar. Sebäbi ol yzyndaky adamy hem öňündäki adam ýaly ok atyp urmagy başarýar. Şeýle tizlik bilen aty çapyp barýan wagty kement atyp, kement bilen duşmanyň atyny ýykýar we atyň üstündäki çapyksuwary göz açyp-ýumasy salymda gapyp alşyna ynanar ýaly däl. Şu wagta çenli Muhallap ibn Abu Sufranyň[127], Harys ibn Hylalyň[128] we Abbat ibn Hüseýiniň[129] kemendinden hiç kim halas bolup bilmändir. Şular bilen bir hatarda, türkmen köplenç kement atyp, oýun oýnaýar. Eger kemende düşen adamy tutup, öz ýanyna alyp bilmese emelsiz, nadan hasaplanýar. Netijede, özüni oňarmaýan türkmen kemende düşen adamyň ökdeligini öňe sürýär.

Türkmenler atly urşujylara iki, üç ýaýy götermegi öwredipdirler. Türkmen hüjüm eden wagty şahsy ýaragy, aty, at esbaplary we beýleki ähli zerur zatlary onuň ýanynda bolýar. Hakykatdan-da, olaryň çalt ýöremäge, durman ýoluny

---

[127] Abu Sagyt Muhallap ibn Abu Sufra Zalym ibn Serrak Azdy Ataky – Dabada doglup, Basrada önüp-ösüpdir. Ol Musgap ibn Zübeýr tarapyndan haryjylar bilen bolan söweşe gatnaşýar. Ol haryjylar bilen on dokuz ýyl uruşýar. Ahyrsoňunda ýeňiş gazanýar. Ondan soňra Abdylmälik tarapyndan Horasan häkimligine bellenýär. Ol hijri ýyl hasaby bilen 83-nji ýylda (milady 702-nji ýylda) şol ýerde aradan çykypdyr.

[128] Bu şahs kement atmakda ussat bolanlaryň biri bolmagy mümkin.

[129] Abu Jahzam Abbat Hüseýin ibn Ýezit ibn Amr Habaty Temimi – öz döwründe temim taýpasynyň meşhur gahrymany bolup, ol Ibn Zübeýriň döwründe Basrada goşun serkerdeligine bellenýär. Hijri ýyl hasaby bilen 85-nji ýylda (milady 705-nji ýyl) Kabulda duşmanlary tarapyndan öldürilipdir.

dowam etdirmäge uzakly gije ýöräp, uzak ýurtlary söküp geçmäge bolan ukyplary görenleri haýran galdyrýar. Meselem, haryjynyň aty türkmeniň aty ýaly owadan we çydamly däldir. Türkmen atdan has oňat baş çykarýar. Ol atyna isleýşi ýaly terbiýe berýär. Türkmen haryjylaryň seýislerinden hem has ussatdyr. Atyny özi ösdürýär we taý wagtyndan başlap, ony terbiýeleýär. Türkmen atynyň adyny tutsa, at onuň yzyna düşýär. Atynyň adyny atyň özüne şeýle bir öwredipdir welin, at öz adyny ýabynyň «hoş», düýäniň «ohh», erkek düýäniň «yhh», gatyryň we eşegiň «çöş» sözlerini, däliniň öz lakamyny we çaganyň öz adyny anyk bilişi ýaly bilýär.

Türkmeniň ýaşan ömrüni jemleseň, atyň üstünde geçen günleriniň ýeriň üstünde oturan gününden köpdügine göz ýetirersiň. Türkmen sap ganly atyna münüp urşa gidýär, syýahat edýär we aw awlaýar ýa-da başga maksat bilen ýurdundan gitse, ýabysy we taýy onuň yzyna düşýär. Teşne bolsa baýtaly sagar. Münüp ýören atyna dynç berjek bolsa, ýere düşmän beýleki ata müner. Dünýäniň ýüzünde türkmenden gaýry et iýýän ynsanyň bedeninde dürli keseller ýüze çykýar. Türkmeniň mal-garasy gamyş köküni, ot ýaly zatlary iýýär. Ol atyny saýada ýa-da sowukdan gorap saklamagy zerur hasaplamaz».

Humaýt sözüni şeýle dowam etdi:

«Haryjylar ýörişi tizleşdirmek üçin serhetdäki esgerleri, ähli habar beriş ulgamlaryny, hyzmatkärlerini we ähli güýjüni jemläýse olaryň, bu güýji diňe türkmenleriň güýçleri bilen barabar bolup bilmez. Olaryň saýlama atlary uzak aralykdaky ýoly säginmezden geçip bilýär. Türkmenlere ne haryjynyň aty, ne-de Toharystan[130] aty çydar. Olar haryjy bilen bilelikde ýola düşse, heniz haryjynyň aty bat almanka, türkmeniň aty doly güýji bilen okdurylyp geçip gider. Türkmen şol bir wagtyň özünde çopan, seýis, janbaz[131], baýtar[132] hem atşynasdyr. Türkmen öz başyna bir milletdir».

Türkmen başga goşun bilen ýola düşse, olar 10 mil geçmänkä, türkmen 20 mil geçer. Olaryň sag we çep tarapyndaky goşunlar, oňa garamaz yzda galar. Aw awlamak üçin dagyň depesine çykar we jülgeleriň jümmüşine aralaşar. Ýerde süýrenip, ýöräp, uçup-gonup oturan zat görse ok atar. Mundan başga-da türkmen esgerleri beýlekiler ýaly ýöremeýär, uçýar. Kähalatlarda uzakly gije ýöremek agyr düşýär. Düşlemeli ýer uzakda bolup, öýle wagtynda ýadawlyk has artýar. Biri-birine gezek bermän gepleýän adamlaryň hem ýadap, dymyp oturan wagtyna gabat gelinýär. Her kim jöwzaly yssydan bişip ýa-da aýazly sowukdan doňup, gije ýöremekden ýadaýar. Olar ýoluň gysgalmagyny isleýär. Salgym ýa-da serhet belligi görünse, düşelgä gelip ýeten ýaly bolýarlar. Atlylar sünnet edilen çaga ýaly satanynyň arasyny açyp ýöreýärler. Olar ýadawlygyny pallap, gernip ýa-da arkan ýatyp aýyrmaga çalyşýarlar. Köp ýol geçip, ok-ýaý atyp, zordan diýen ýaly düşelgä golaýlaşan wagtlarynda öňünden gulan, keýik, tilki ýa-da towşan çykaýsa, türkmeniň näçe ýollary söküp, ýadap gelýän adam däl ýaly awa tarap okdurylyşyny bir görsediňiz!

[130] Buhara aty.
[131] Janbaz – janyny orta goýýan hakyky esger.
[132] Baýtar – mal lukmany, weterinar.

Eger esger iki dagyň arasyndaky darajyk derede ýa-da geçelge-de gabawa düşse, türkmen atynyň gerşine basyp, esgerleriň arasyndan geçip, beýle tarapdan daň ýyldyzy ýaly bolup dogar, gaýalyk öňünden çyksa, aýlanyp geçmez, çür depesine dyrmaşar we beýleki tarapyndan dag tekesiniň düşüp bilmejek ýerinden aşak iner welin, sen türkmeniň özüni nähili howpuň içine atandygyna we ençeme gezek diri galandygyna haýran galarsyň. Eýsem-de bolsa, türkmenler elmydama şeýledir».

Humaýt şeýle diýip, sözüni dowam etdi:

«Haryjy islän wagty duşmany tutýar, yzyna düşülende bolsa gaçýar diýlip, taryp edilýär. Emma türkmen üçin gaçmaga zerurlyk ýokdur. Olar biriniň yzyna düşüp gezmeýär. Ele salynmak islemeýän adamyň yzyndan kim ylgar?! Bu delildir. Haryjylaryň ählisiniň gahrymançylygynyň sebäbi dindarlykdyr. Olar söweşmegi din bilen baglanyşdyrýarlar».

Milletleriniň dürli, ýurtlarynyň aýrydygyna garamazdan Sistan, Horasan, Jezire, Ýemen, Magryp we Oman halkynyň ählisini, azrakylary[133], nejdleri[134], ybazylary[135], sufrylary[136], möwlalary, araplary, çarwa araplary, gullary, aýallary, tikinçileri, daýhanlary söweşde birleşdirýän zat – olaryň dindarlygydyr. Dünýä ýüzünde haýsy milletden ýa-da haýsy ülkeden bolsun, tapawudy ýok, gan alyjylar damaryň nirededigini gowy bilýär. Haýsy ýurtdan ýa-da milletden bolsa-da, gadymyýetçi, balykçy, türgen, dokmaçy, aluw-satuw we kagyz işleri bilen meşgullanýan adamlar meňzeş bolýar.

Biz ýokarda sungat we hünär bilen meşgullanýan adamlar birleşdirilse, birmeňzeş häsiýetlidir diýen netijä geldik.

Humaýt şeýle diýdi: «Biz türkmenleriň ýurdundaky söweşde olaryň olja toplamak üçin däl-de din, mezhep, häkimiýet, salgyt, tire-taýpa, ar-namys, abraý, watany ýa-da öýüni, malyny goramak maksady bilen söweşýändiklerini gördük. Urşy saýlamak hukugy türkmeniň ygtyýaryndadyr. Eger yza çekilse, bir belanyň geljeginden gorkmaz. Olar kömek etse, sylag tamasyny etmez. Türkmenler hemişe ülkesinde, ýagmalan ýerlerinde we söweşde şeýledir. Olaryň yzyna düşüp bilmeýärler, olar beýlekileriň yzyna düşýärler. Köp ýagdaýda olar ortaça güýç bilen uruşýarlar. Doly güýjüni sarp etmeýärler. Şeýle ýagdaýda-da türkmeniň garşysynda hiç zat durup bilmeýär. Hemmeler olaryň ýuwdup boljak lukma däldigini bilýär. Bu aýratynlyklara eýe bolan halkyň garşysyna mesele ýüze çykaryp, oňa göribilmezlik edip, onuň aň-düşünjesine zeper ýetirmek üçin üstüne söweşijini küşgürseň, näme boljagyňy pikir edip gör.

Haryjynyň naýzasynyň ujy uzyndyr. Türkmeniň naýzasynyň ujy gysga we içi boşdur. Içi boş, gysga uçly naýzalar has oňat saplanýar. Ony götermek hem ýeňil düşýär. Araplardan başgasy uzyn uçly naýzalary pyýada goşuna berýär. Şuňa meňzeş naýzalary ebnalylar hendek gapysynda we geçelgelerde ulanýarlar. Ýöne ebnanlylar bu meselede türkmenler we horasanlylar bilen ýaryşyp bilmez. Sebäbi olar bu görnüşdäki naýzalary diňe hendek gapysynda we geçelgelerde ulanýarlar.

---

[133] Azrakylar – haryjylardan bolan Nafyg ibn Azrakyň tarapdarlary.
[134] Nejdler – haryjylardan bolan Nejd ibn Amryň tarapdarlary.
[135] Ybazylar – haryjylardan bolan Abdylla ibn Ybaz Murry Temiminiň tarapdarlary.
[136] Sufrylar – haryjylardan bolan Zyýat ibn Eşrefiň tarapdarlary.

Türkmenler bilen horasanlylar köplenç atly goşun bolýarlar. Goşunyň esasy möhüm wezipesi atlylara düşýär. Olar yza çekilip gaýtadan hüjüm etmegi başarýarlar. Atly serkerdeler duşmanyň goşunyny tumar[137] ýaly düýrläp, saçyň dargaýşy ýaly dargadyp bilýän adamlardyr. Olaryň arasynda duzak gurýanlar, goşunyň öňündäki we soňundaky adamlar atly esgerlerden saýlanyp-seçilýär. Olar taryhda ýatdan çykmajak belli günleri, uly söweşleri we ýeňişleri gazanýan adamlardyr. Kiçi we uly birikmelere serkerdeler diňe olardan saýlanýar. Olar galkany, söweş we döwlet tuguny dep we surnaý çalyp göterýärler. Aty kişňedip, tozan turzup, at çapdyryp, söweş geýimlerini we ýaraglaryny şowurdadyp, islän pursady duşmany ýeňip, yzyna düşülse, yza çekilip, halas bolmagy başarýarlar. Atly esgerler söweşde duşmany gyryp, ýeňiş gazanmakda we ýagmalanan ýerde olja almakda uly iş edýärler. «Pygamberimiz Muhammet alaýhyssalam hem atly adama iki, pyýada bir paý beripdir» diýýärler.[138]

Humaýt sözüni şeýle dowam etdi:

«Men ömrümden kasam edýärin, ebnalylar köçede, zyndanda bolan pyýada uruşlarda hemmelerden oňat uruşýarlar. Ýöne pyýada hemişe biriniň garamagyndadyrlar. Pyýada goşunyň serkerdesi hökmany suratda atlydyr. Atly goşunyň serkerdesiniň bolsa pyýada bolmagy mümkin däldir. At münüp, naýza ulanyp, ok atyp, tälim alan adama pyýadanyň ýaraglaryna hem erk etmäge mejbur etmeli. Ol pyýadanyň ýaraglaryny ulanmaga mejbur bolsa, pyýadadan has gowy gorar. Atly esgerler telim gezek ata münüp-düşýärler.

Bu barada şahyr şeýle diýýär:

Olar atdan düşmediler, biz bolsa düşdük.
Söweşiji atyndan düşmegi başarýandyr.

Şahyr Zabby hem şeýle diýýär[139]:

Men atdan düşjek bolsam,
Oňa näme üçin müneýin?!

Başga şahyr şeýle diýýär:

Biz atymyzdan düşüp,
Duşman bilen ýüzbe-ýüz urşardyk.

**Dünýäde türkmenlerden başga milletlerde serkerdelik şärikli bolupdyr. Söweşde şärikli serkerdeler gezekli-gezegine esgerlere ýolbaşçylyk edipdirler.**

**Türkmenleriň söweşlerinde serkerdesi şärikli däldir. Söweşde gezekleşip, serkerdäniň şärikli hereket etmegi halanylmaýar.** Sebäbi aralarynda pikir

---

[137] Tumar – düýrlenilýän deriden ýasalan kagyz.

[138] Muhammet pygamber şu görnüşde diňe Haýbar ýeňşinde alnan oljany paýlapdyr.

[139] Rabyga ibn Makrum ibn Kaýs Zabby – şahyr, ol musulman ýörişlerine gatnaşýar. Hijri hasaby bilen 16-njy (milady 137-nji ýyldan) ýyldan soň aradan çykýar.

aýralygy, bahylçylyk we göribilmezçilik ýüze çykýar. Şärik bolan serkerdeleriň öz ýerine ýetirmeli işlerini biri-biriniň üstüne atmagy bolsa, çykgynsyz ýagdaýa salar. Türkmenler goşunyň hataryna girensoň, duşman goşunynyň düzümindäki kemçiligi görýärler. Eger duşman goşunynda hiç hili kemçilik we özlerine söweşmäge mümkinçilik ýok bolsa, ýagny uruşmaga mynasyp bolmasa, türkmenleriň ählisi biragyzdan hüjüm etmekden boýun gaçyrýar. Olar haýsy hereketiň peýdaly boljagyny bilse, şony kabul edýärler. Eger hüjüm etmeli bolaýsa-da, ählisiniň pikiri we meýli bir bolupdyr.

Türkmenler dürli pikirli, öwünjeň we bolar-bolmaz goşgy aýdyp ýören adamlar däldir. Olaryň maksatlary mizemezdir. Olaryň arasynda düşünişmezlik azdyr. Eýran halky söweşde gezekleşikli serkerdelik edýändikleri üçin araplary tankytlap: «Söweşde we ýolbaşçylykda şäriklik zenana şärikli bolmak bilen deňdir» diýýärler.

Humaýt soňra ýene-de şeýle diýdi:

«Söweşde serkerdelik şärikli bolsa, bu şärikligiň netijesinde adamlarda biri-birine bolan göribilmezçiligiň dörejekdigi barada oýlanyp görüň?!» diýdi.

Bu söhbetdeşlik Mamuna baryp ýetdi. Ol: «Humaýtdan soňra türkmenler barada kimdir biriniň pikirine mätäçlik ýokdur. Sebäbi ol iki tarapy-da derňäp görendir. Humaýt hem horasanlydyr, hem arapdyr. Oňa töhmet atmaga hiç hili sebäp ýokdur» diýdi.

Rawylar şeýle diýdiler: Bu habar Zülemineýn Tahyr ibn Hüseýine[140] baryp ýetdi. Ol: «Humaýt örän dogry aýdypdyr. Onuň sözünde kemçilik ýa-da ulaltma ýokdur» diýdi.

Ynha, Mamun halypanyň netijesi, Humaýdyň sözi we Tahyryň garaýşy.

## Abulbattyň sözleri

Maňa[141] horasanly ýa-da sadus ogullary taýpasyndan bolan biriniň Abulbattyň «Alla gowulyklary size ýaran etsin! Men dagdan düşüp, daga çykmagy, aty darajyk ýerden çapdyryp geçmegi hem-de atyň üstünde Übülläniň[142] esgerleriniň düz ýerde oňarmaýanyny başarýan adama näme edip bilerin?» diýendigini aýtdy.

## Sagyt ibn Ukba ibn Salm Hunagynyň aýdan sözleri

Ýene şol adam aýtdy[143]: «Türkmenler söweş tilsimlerini oňat bilýärler. Maslahatçy adamyň ogly Sagyt ibn Ukba ibn Salm Hunagy şeýle[144] diýdi:

«Biz bilen türkmenleriň arasynda şeýle tapawut bardyr. Olar bir kowum bilen söweşjek bolsa, ählisi bir hatara düzülýär. Olar arap, ajamdan duşman hüjüm etse, şoňa görä adam sany we ýaragly güýçleri çykarýar. Türkmenleriň maksady duşmanyň ýetirjek zyýanynyň we erbetliginiň öňüni almak we olaryň hilesine böwet bolmakdan ybaratdyr. Eger ylalaşykdan boýun gaçyryp, uruş yglan etmeli

[140] Abu Taýýyp Tahyr ibn Hüseýin ibn Musgap Huzagy Zülemineýn – Mamunyň halypa bolmagyna uly kömek eden şahsdyr. Ol Buşançda dünýä inip, Bagdatda önüp-ösýär.

[141] Bu ýerde awtoryň özi gürleýär.

[142] Übülla ir döwürlerde Basranyň gämi duralgasy bolupdyr.

[143] Bu ýerde awtoryň özi gürleýär.

[144] Ukba ibn Salm Hunagy barada çeşmelerde maglumata gabat gelmedik.

bolsa, olaryň esasy maksady duşmandan goşunyň amanlygyny we birikmesini goramakdyr. Olar duşmany gapyl wagty ýa ukuda awlap, hile eder. Türkmenler biraz güýç sarp etse, duşmanyň ýadyna-oýuna gelmejek geň galdyryjy hilegärlik ederler. Olaryň beýik we galyň diwardan şähere girip, Balh deryasyny geçmek üçin eden mekirliklerini bilýänsiň»[145].

Ady agzalyp geçen Sagyt ýene-de şeýle diýdi: «Söweşýän wagtyňyz üç adam bolsaňyz, biriňiz kömekçi, beýleki ikiňiz duzakçy boluň. Kakam maňa şeýle diýdi: «Fakyh alym Abulhattap Ýezit ibn Katada ibn Dygamanyny gördüm.[146] Ol Omar ibn Hattapdan türkmenler barada: «Ýetirýän zeperi köp, oljasy az duşmandyr» diýip rowaýat etdi[147]. Şol wagt Alyýaly[148] bir adam: «Omar Abu Zübeýt Taga[149] daýaw ýigitleri wasp etmegi gadagan edýär hem-de: «Bu öte waspyňyz adamlaryň kalbyny gorkudan doldurýar we has tolgundyrýar. Şeýle-de, batyr adamyň batyrlygyny peseldýär» diýýär. Aslyýetinde, Omaryň özi türkmenleriň waspyny Abu Zübeýdiň wasp edişinden has täsirli ýerine ýetiripdir.

Sagyt şol gün sözüne şulary hem goşdy: «Türkmenlerden bir topary Horasanyň töwereginde Abu Huzaýmanyň, ýagny Hemze ibn Edrak Haryjynyň[150] ülkesinden, bir ýeri iş üçin aldylar. Hemzäniň ýanynda uly topar bardy. Ol ýanyndakylara: «Olar size degmese, ýol beriň we degmäň. Sebäbi türkmenler barada: «Olar size degmese, olar bilen dost boluň»[151] diýlipdir» diýdi».

Şular arap we horasanly Sagydyň pikiri we aýdan sözleridir.

## Ýezit ibn Mazýadyň sözleri

**Ý**ezit ibn Mazýat[152] Tulýa Türkmeniň Welit ibn Taryf Haryjyny[153] öldüren hadysasyny beýan etdi. Şonda türkmenleriň waspy barada şulary aýtdy: «Türkmeniň atynyň üstünde agramy, ýerde ýörese aýagynyň tykyrdysy ýokdur. Biziň atlylarymyzyň öňündäki görmedigini ol yzyndan görýär. Ol biziň bir atly esgerimizi aw edip, özi bars bolýar. Ol duşman atlysyny keýigiň, özüni aw tazysynyň ýerinde goýup oýnaýar. Alladan kasam edýärin. Eger türkmeniň gol-aýagyny daňyp guýa taşlasaň, hökman bir alajyny tapyp halas bolar. Eger olar Hulwan dagynyň[154] bäri tarapynda ýaşap, üstümize ýöriş etseler, başymyza bela

[145] Bu ýerde şol döwürde bolan belli bir waka ýatlanylýar.

[146] Bu kişi tabygyn alymlaryndan bolan Katada ibn Dygamy bolmagy mümkin.

[147] Omar ibn Hattap türkmenler barada: «Ýüzleri deriden galkanly, gözleri gatyryň gözi deýin monjuk gözli kowumdan gaçyň, olar size degmese, siz olara degmäň» diýipdir.

[148] Alyýa - Medine bilen Tihamanyň aralygyndaky daglyk sebit.

[149] Bakry şeýle diýýär: «Abu Zübeýt Harmala ibn Munzyr ibn Madykaryp Tagy şahyrdyr. Ol hristiandy.» Tabary onuň musulman bolup, aradan çykandygyny öňe sürýär.

[150] Abu Huzaýma Hamza ibn Edrak Haryjy Harun Reşidiň döwründe hijri ýyl hasaby bilen 179-njy ýylda Sistany we Horasany basyp alýar. Onuň ady çeşmelerde Edrak, Atrak we Akrak görnüşinde duş gelýär.

[151] Pygamberimiziň hadysynda: «Siz türkmenlere degmäň, olar bilen agzybir ýaşaň» diýilýär.

[152] Abu Halyt Ýezit ibn Mazýat ibn Zagyda Şeýbany – Harun Reşidiň döwründe Töwriziň häkimi bolupdyr.

[153] Welit ibn Taryf Şeýbany – haryjylaryň esasy adamlarynyň biri. Hijri ýyl hasaby bilen 177-nji ýylda gozgalaň edip, Ermenistanyň we Töwriziň bir bölegini basyp alýar.

[154] Bu ýerde, megerem, Nyşapurdaky Hulwan dagy göz öňünde tutulýan bolsa gerek. Çünki bu ýer Yspyhan welaýatyna has golaý bolup, Horasanyň serhedidir.

bolardy».
Ýezit ýene şeýle diýdi:
«Türkmen ýagmalap, talaňçylyk edip garnyny doýurmak we aňsat hökümdar bolmak isleýär. Ol awdan ýa-da oljadan başga zat iýmegi halamaýar. Olar biriniň yzyna düşsün ýa-da onuň yzyna düşsünler, tapawudy ýok, ony atynyň üstünde aňsat awlap, tutup bolmaýar».

## Sumama ibn Aşrasyň sözleri

Muhammet ibn Jahm ýaly ýygy-ýygydan türkmenler barada gürrüň berýän Sumama ibn Aşras şulary aýtdy: «Türkmen gorkmaly ýerinde gorkar. Bolmajak zada umyt baglamaz. Bir iş etjek bolsa, hökman umydygär bolar. Olar köp zady almasalar, azy bermezler. Eger olaryň ikisini hem özünde saklamaga güýji ýetse, hiç birinden geçmez. Ähli işleri olaryň özleri edýär. Türkmeniň köňli bilen daş sypaty birdir. Peýdasyz zat bilen meşgullanmaýar. Ýatyp dynç almaz. Onuň üçin oýaly-ukuly wagt gaflatdyr. **Eger olaryň ýurdunda pygamberler we pelsepeçiler ýaşap, olaryň aň-düşünjesi türkmenleriň kalbyna ornaşyp, gulagyna degsedi, türkmenler saňa bu pikirleri amala aşyrmak üçin basralynyň edebiýatyny, ýunanlylaryň pelsepesini we çynlylaryň sungatyny unutdyrardy**».

Sumama sözüni şeýle dowam etdi: «Horasanyň ýolunda öňümizden bir türkmen çykdy. Biziň baştutanymyz esgerler bilen söweşip ýören gahryman serkerdedi. Türkmen serkerdebaşydan başa-baş uruşmak üçin atly esger sorady. Biziň serkerdämiz eti-gany ýetik, daýaw we hemmetaraplaýyn taýýarlykly birini orta çykardy. Bu atly esger onuň ýanyna geldi. Olaryň ikisi bilelikde biraz uruşdylar. Biz ýoldaşymyz onuň ýalylaryň birnäçesiniň hötdesinden geler diýip pikir edýärdik. Ol ýuwaş-ýuwaşdan bizden uzaklaşýardy. Bir görsek, türkmen yzyny gözlemän gaçyp başlady. Ol bu hereketini ýoldaşymyz ýeňendir diýip duran wagtymyz etdi. Biziň atly esgerimiz onuň yzyna düşdi. Indi biz onuň türkmeniň kellesini alyp geljekdigine şübhelenmeýärdik. Birden ýoldaşymyz atyň üstünden ýom-ýok bolup, ýitip gitdi. Näme bolanyny-da bilmän galdyk. Türkmen ony atyndan düşürip öldürdi we ýarag-esbaplaryny oljalady. Soňra onuň atyny tutup, öz ýany bilen alyp gitdi».

Sumama ýene şeýle diýdi: «Bu türkmeni soň başga bir wagt ýene gördüm. Ol Fazl ibn Sähliň köşgüne ýesir edilip getirilipdi[155]. Men oňa: «Şonda bu işi nädip etdiň? Atlydan gaçyp, soňra nähili ondan üstün çykdyň? Yzyňy gözlemän gaçyp, soňra nädip öldürdiň?» diýip soradym. Ol şeýle jogap berdi: «Ony ilki öldürmek örän ýeňildi. Ýöne ony aldap, goş-golamyny we atyny almak üçin ýoldaşlaryndan uzaklaşdyrdym».

Sumama sözüni şeýle dowam etdi: «Men olaryň başga esgerleriniň hem garşydaşynyň atly esgerlerini isleýşi ýaly oýnap, söweş hilesini edip başarýandygyna şaýat boldum.

**Olaryň elinde az wagt ýesirlikde boldum. Türkmenler ýaly adama hödürkerem edýän kişini görmedim» diýdi.**

[155] Abulapbas Fazl ibn Sahl Sarahsy – Mamunyň weziri.

**Türkmenler baradaky bu maglumatlara şübhe eder ýaly däl. Ony arap Sumama ibn Aşras aýtdy.**

## JAHYZYŇ TÜRKMENLERE GARAÝŞY

Men türkmenlerde örän täsin we geň galdyryjy häsiýetleri gördüm. Mamunyň ýörişleriniň birinde, onuň birikmesine golaý aralykda, sag golunda türkmenlerden ýüz sany adamyň, çep golunda beýleki esgerlerden ýüz adamyň ýoluň iki tarapynda hatara düzülip duranyny gördüm. Olar öýle wagty bolup, gün gyzyp başlasa-da, hatarlaryny bozman Mamunyň gelerine garaşýardylar. Biraz wagtdan soň Mamun geldi. Şol wagt üç-dört sanysyndan başga ähli türkmen atyň üstündedi. Beýleki milletlerden düzülen esgerlerden üç-dördi beýlede dursun, ählisi ýere serlip ýatyrdy. Muny görüp ýoldaşyma: «Seret nähili ajaýyplyk!» diýdim.

Mugtasym olary gowy tanaýar. Onuň olary ýöne ýere öz daşyna jem edip, ýöne ýere hormat goýmaýandygyna şübhelenmeýärin.

Bir gezek Bagdatdan çykyp, Katula[156], ýagny Mübärege tarap barýardym. Bu aralykda horasanlylardan, ebnalylardan we beýleki esgerlerden düzülen atly goşuny gördüm. Bir at ürküp gaçypdyr. Olar saýlama atlaryna münüp, ol aty tutmaga synanyşýardylar, emma tutmagy başaranokdylar. Şol wagt bir türkmen geçip barýardy. Ol egin-eşigi düzüw bolsa-da, tanymal adam däldi. Ol türkmen bir hor türkmen atyna atlanypdy. Özgeler bolsa saýlama daýaw atlary münüpdiler. Türkmen ol atyň öňünden çykyp, öňüne-ardyna aýlandy. Aty biraz saklady. Soňra beýleki esgerler türkmene geň galyp, seretdiler. Olaryň arasynda görübilmezlik edýänleriň biri «Ölmejek ýaly, bolup ýörşüni. Onuň hereketi özüni horlamakdan we çenini bilmezlikden başga zat däl. Ol gaçan aty ýurduň men diýen goç ýigitleri tohum atlary bilen tutmagy başarmadylar. Bu bolsa boýunyň kelteligine, atynyň hordugyna seretmezden, aty tutmaga synanyşýar» diýdi. Ol bu sözüni heniz gutaryp-gutarmanka, ýaňky türkmen aty tutup, olara getirip berdi. Olaryň alkyşlaryna, dogalaryna we sylaglaryna garaşman, öz ýoly bilen gitdi.

**Türkmenler ýaltak-ýultak etmegi, ikiýüzlüligi, şugullamagy, ýasamalygy, bir zady göz üçin etmegi, ulumsylygy, ýoldaşlaryna erbetlik etmegi we bedgat ýaly zatlaryň nämedigini bilmeýärler.**

Dürli garaýyşlar olaryň dünýägaraýşyny bozmandyr. Olar şerigat bilen aldap, başga adamlaryň zadyny almagy halal hasaplamaýarlar. Olaryň ýekeje «aýyby» we beýleki adamlary özünden «sowadýan»[157] zat, ol hem türkmenleriň watanyna bolan söýgüsi, biri-biriniň yzysüre bolýan ýeňşiň şatlygy, oljanyň bimöçber lezzeti, giň sähradaky oýunlary, gezelençleri, söweşde köp güýç sarp etmezden ýeňiş gazanmagy, ýurtlara aýlanyp görmegi halamagy, söweş etmäge bolan höwesleridir.

[156] Katula – kanal diýen manyny aňladýar. Bu kanal Halyt ibn Abdylla Kasry tarapyndan açylyp, oňa Mübärek ady berilýär.

[157] Bu ýerde «göribilmezçilik döredýän zat» diýen manyda gelýär.

Çünki ähli zadyň ussady bolan adam, ondan mahrum bolmaga çydamaz. Emma işi başarmajak adam, ondan hemişe gaça durýar.

**Türkmenler araplardan başga milletleriň arasynda watan söýgüsini iň ýokary derejä göteren milletdir. Sebäbi olaryň bedenindäki ganynyň düzüminde we tebigatynda ýurduna, topragyna, watanyň suwuna bolan duýgulary beýleki milletlerden has ýokary derejededir. Türkmenleriň beýleki doganlarynda hem şeýle duýgular bar.**

Basralyny görüp, onuň basralydygyny ýa-da kufelidigini bileňzokmy eýse? Mekgelini görüp, mekgelidigini ýa-da medinelidigini tanaňzokmy? Jebellini[158] görüp, onuň Jebeldenmi ýa-da Horasandandygyny nädip bilersiňiz, jezirelini görüp, onuň jezirelimi ýa-da şamlydygyny nädip tanarsyňyz? Bu meselede türkmenler babatda ýalňyşmarsyňyz. Olaryň nirelidigini bilmek üçin gyýafa ylmyny[159] bilseň we paýhasyň ýiti bolsa, başgasyndan soramaga zerurlyk bolmaz. Türkmenleriň aýallary hem erkekleri ýalydyr. Olaryň mal-garasy hem özleri ýaly türkana we sada häsiýetlidir.

**Allatagala türkmenleriň ülkesini hem şeýle ýaradypdyr. Olara bu ýagşy häsiýetleri bilen dünýäniň esasy aýratynlygy bolan drediş ukybyny beripdir.**

Horasanda ýaşaýan şäherli we çarwa araplaryň nebereleriniň ýerli ýaşaýjylar bilen deňdigini görersiň. Ferganany daşyndan gelip onda ýerleşen adam bilen Ferganany ýerli halkynyň arasyny tapawutlandyryp bilmersiň. Murty boýagly, reňki gyzyl, uly kelleli biri Fergana eşigini geýse, ikisiniň arasyny tapawutlandyryp bilmersiň. Bu ýagdaý agzap geçen ähli ýurtlarymyzda hem ýerli halk bilen daşyndan gelen adamy tapawutlandyryp bolmaýandygyny aňladýar.

Aslynda watany söýmeklik ähli adamlary we tutuş ýurdy gurşap alýan aýratynlyk bolmalydyr. Şonuň bilen bir hatarda olaryň ählisiniň arasynda daş keşbiniň we beden agzalarynyň düzüminiň meňzeş we kybapdaş bolandygy sebäpli türkmenler watany söýmekde beýleki milletlerden has tapawutly milletdir.

Ynha görüň, Abdy[160] şeýle diýýär: «Allatagala ýurdy watan söýgüsi bilen bina etdi».

Ibn Zübeýr bolsa: «Adamy öz paýyna berlen zadyň içinde watandan başga hiç zat şadyýan (hoşal) edip bilmez» diýýär.

Omar ibn Hattap bolsa: «Adamlaryň arzuwy dürli bolmasa, Allatagala birnäçe ülkäni döretmezdi» diýýär.

Jumgat Yýadyýa: «Allatagala gullaryna boş, giň çöl meýdanda ýurt tutunmagy wesýet etmesedi, olar hiç ýere sygmazdy. Olara azyk ýetmezdi» diýipdir.

Kuteýbe ibn Müslim[161] türkmenler barada gürrüň berende şeýle diýdi: «Alladan kasam edýärin. Olar öz watanyna başga ýere düşen, hiç zat ýok ýerde daňlyp goýlan düeden hem has köp işdämendir we watanyny küýseýändir». Çünki düe Omanda bolsa-da, Basradaky watanyny we ýerini küýseýär. Düe janawar dagy-düzi aşyp, öň bir gezek geçen ýolundan geçip, ýurduna dolanyp gelýär. Oman bilen

[158] Jebelli diýlip horasanly we dagystanly göz öňünde tutulýar.
[159] Gyýafa ylmy – adamyň hereketi we daş-keşbi boýunça netije çykarýan ylym.
[160] Abdy – megerem, jahylyýet döwründe ýaşan Ýezit ibn Hazzak Abdydyr.
[161]Abu Hafs Kuteýbe ibn Müslim Bahyly – Ümewileriň Horasandaky häkimi.

Basranyň aralygyndaky uzaklyga garamazdan, özüne mahsus ýöreýiş bilen ysgap-ysgap özüne çekýän ýatagyna gaýdyp gelýär. Ynha, şol sebäpli Kuteýbe türkmenler barada düýäni mysal getiripdir.

Watan duýgusy, watana bolan söýgi we arzuw Gurhanda bar. Ol barada adamlaryň elindäki sahypalarda[162] ýazylgydyr. Ýokarda-da belläp geçişimiz ýaly, türkmenleriň watana bolan duýgusy, küýsegi beýleki adamlardan has ýokarydyr we güýçlüdir.

Türkmenleriň ägirt uly güýje eýe bolup, başga ýeriň däplerine uýgunlaşman, watanyna dolanmagynyň sebäbiniň biri hem şoldur. Olara bir ýerde ýaşamak, göwnühoş wagt geçirmek, uzak wagtlap ýaşamak, garaşmak, az uruşmak, az işlemek örän agyr degýär. Çünki olar hereket etmese oňmaýarlar. Durmakdan nesibesi ýokdur. **Ruhy baýlygy biziň kuwwatymyzdan has ýokarydyr. Olar ot ýaly ýanyp duran aň-düşünjeli adamlardyr.** Araplar bu barada köp zat aýdypdyrlar.

Abdylla ibn Wähp Rasyby Azdy:[163] «Ýuwaş hereket ýadawlyk getirýär» diýýär.

Araplar: «Tomus beýnisi gaýnanyň, gyş gazany gaýnar» diýýärler.

Aksam ibn Saýfy[164] bolsa: «Men işlerimi başgalaryň görmegini islemeýärin» diýipdir. Oňa «Näme üçin?» diýlip sorag berlende bolsa, onda ol: «Sebäbi mende ejizligiň adat bolup galmagyndan gorkýaryn» diýip jogap beripdir.

Ynha, türkmenleriň watanyna dolanyp gelmeginiň we oňa bolan arzuwynyň sebäbi şudur. Olary öz ülkesine dolanmaga we çekilmäge mejbur edýän zatlar başga-da bolup biler. Olaryň başga ýerde hemişe galmaýandyklarynyň sebäpleriniň biri-de, olara baştutanlyk edýän serkerdeleriň olaryň gadyryny bilmeýänligidir,[165] olara ähmiýet berip, peýdalanmagy başarmaýandygydyr. Serkerdeler olary esgerlere görelde bolmaýar diýip gyraklap başladylar. Olary köpçüligiň arasynda we başga esgerleriň içinde ýatyryp-turuzmak bilen hem çäklenmediler.[166] Bu edilýän işleri olar özlerine rowa görmediler. Öz üstlerine düşýän borjy ýatladylar. **Türkmenler adalatsyzlyga laýyk däldir.** Şeýle-de göwniçökgün bolup, gadyryňy bilmeýän adamlaryň ýanynda bolmaklygyň hakyňy bermeýän adamyň ýanynda bolanyňdan-da erbetdigine göz ýetirdiler.

Her bir häkim adamlaryň gadyryny bilip, erbet urp-adatlara meýilli arzuwyna gulluk etmän, ýurduny başga ülkelerden gorap saklamalydyr. Ol döwlet dolanşygynda näme gerek bolsa, şoňa görä hereket etmelidir. Işi laýyk ýerine ýetirmelidir. Türkmenlere şonuň ýaly hökümdar duş geldi.[167] Ol çägini bilip, hakykaty goldap, ýaramaz endikleri bir tarapa taşlap, hakykatyň tarapdary boldy. Olar watandan aýra düşüp, ruhuny dikeldip, erkin ýaşamagyň deregine bilelikde

---

[162] Bu ýerde Gurhan göz öňünde tutulýar.

[163] Abdylla ibn Wähp Rasyby Azdy – haryjylaryň baştutanlarynyň biriniň ady.

[164] Aksam ibn Saýfy ibn Raýah Temimi – jahylyýet döwründe araplaryň baştutany bolupdyr.

[165] Bu ýerde beýan edilşi ýaly türkmenler diňe öz ýerlerinde däl, başga ýerlerde hem iň ynamdar goragçy hökmünde tanalypdyr. Ýazar käbir ýerlerde olaryň gadyrynyň bilinmändigini nygtamak isleýän bolmagy mümkin.

[166] Bu ýerde türkmen esgerleriniň aýratyn hormaty bolandygy, olaryň öň umumy esgerler bilen bir hatarda dälde derejeli ýagdaýda bölek ýatyp turýandygy bellenilýär.

[167] Ýhtimal bu ýerde halypy Mugtasym göz öňünde tutulýan bolsa gerek.

ýaşamagy saýlap aldylar. **Şeýle-de, olar hakykaty dostdan ýokary tutup, adamkärçilik sypatlaryny mäkäm ornaşdyrdylar.**

**Türkmenleriň sungatda, çeper söz aýtmakda, edebiýatda, pelsepede, döwlet gurmakda we söweşiň inçe tilsimlerinde beýleki milletlerden ýokarydygyna göz ýetirip bolýar.** Allatagala olary käbir sebäpler bilen bu ugurlarda ukyply edip ýaradypdyr. Bu işleri amala aşyrmak üçin olaryň öňküden-de has ösendigini görmek bolýar. Arzuw-hyýaly, pikiri bulaşyk, beýnisini bolar-bolmaz birnäçe zat bilen meşgul edip, hünär barada oýlanmaýan we oňa taýýarlanmaýan adam bu meselelerde ýokary derejede ussatlyk görkezip bilmez.

**Hytaýlylar sungatda, ýunanlylar pelsepede, araplar bolsa yzda agzap geçjek zatlarymyzda, sasanylar syýasatda, türkmenler söweşde ussat halkdyr.**

Göreňizokmy, ýunanlylar malekulalaryň we hadysalaryň sebäpleri bilen gyzyklanýarlar. Olar täjir, el güýji bilen işleýän senetkär, daýhan, ussa, bagban, mal-mülk ýygnap ýören açgöz ýa-da agyr iş edýän adamlar däldir. Döwletiň hökümdary olary özlerine ýetjek derejede aýlyk bilen üpjün edýär. Şonuň üçin olar özleriniň meşgullanýan işlerini doly rahat, bar güýjüni sarp etmezden oýlanyp ýerine ýetirýärler. Netijede, dürli gurallary we enjamlary oýlap tapypdyrlar. Olaryň arasynda adama dynç berýän, ýadawlykdan soň rahatlyk berýän, gaýgy-aladany unutdyrýan, şatlandyrýan saz gurallary ýüze çykdy. Arhimet gün we asman ölçegleri, geometrik kada-kanunlary, wagt ölçegleri, lukmançylyk, saz ylmy we harby serişdelerde ulanylýan uzak wagtlap waspy edilýän peýdaly gurallary oýlap tapypdyr.

Ýunanlylar diňe pelsepe we hikmet bilen meşgullandylar. Olar gurallar ýasaýan işçi däldir. Olar bu gurallaryň nähili taýýarlanýandygyny düşündirýärler. Emma özleri hiç zada elini degirmeýärler. Olaryň ylma höwesli bolup, işe islegleri ýokdur.

Hytaýlylar bolsa heýkeltaraşlyk bilen meşgullanýarlar. Olar ähli zada şekil berip, guýup galyba salýarlar. Olar geň galdyryjy zatlary ýasaýarlar. Olaryň arasynda jisimleri ýonýan, heýkeltaraşlyk, dokma-dolak, hatdat we dürli ugurlar bilen meşgullanýan adamlar bardyr. Olaryň edýän işleriniň gymmaty aýry bolsa-da, olar ýerine ýetirýän işine yhlas bilen ýapyşýan adamlardyr.

Ýunanlylar jisimiň we hadysalaryň sebäplerini öwrenýärler, oňa degişli işler, serişdeler bilen meşgullanmaýarlar. Hytaýlylar bolsa tersine, enjamy ýasamak bilen meşgullanyp, sebäbini bilmeýärler. Çünki olar senetkär, beýlekiler bolsa pelsepeçidirler.

Araplar täjir, senetkär, tebip, matematik, gerek ýerinde işläp bilýän daýhan, alynýan salgytdan gorkup, ekerançylygyň, mal-mülküň we meýdanyň yzynda ylgap, elinde baryny saklap ýören halkdyr. Olar kesekiniň elindäkini aljak bolýan adamlar däldir. Olar tereziniň diliniň we çeküw daşynyň arkasyndan güzeranlaryny geçirmändirler.

Araplar dangy[168] we kyrady[169] tanamaýarlar. Olar ylymdan uzaklaşar ýaly derejede garyp galan däldirler. Araplar ukypsyzlygy ýüze çykaryp biljek derejede

---

[168] Dang – pul ölçeg birligi. Dirhemiň 6-dan bir bölegi.
[169] Kyrat – pul ölçeg birligi.

baýlyga, mal-mülke eýe däldir. Olar içki duýgusyny öldürip, abraýlaryny pese düşürmediler. Araplar çölde ýaşap, giň meýdanda önüp-ösdüler. Şol sebäpli buz näme, bulutly howa näme, ys we artykmaç dokluk näme, bilmeýärler. Emma kesgir zehini, päk ruhlary bar. Olar ähli güýç-kuwwaty bilen goşgy düzmegi, belagat (çeper) söz bilen gürlemegi, söz oýnatmagy, gyýafa ylmyndan başga ferasat ylmyny[170], nesil şejeresini ýat tutmagy, ýyldyz bilen ýol tapmagy, asmana seredip, netije çykarmagy, ýyldyzlaryň hereketini synlamagy, at-ýaraga erk etmegi, eşiden zadyny ýat tutmagy, gören-eşiden zatlaryndan ybrat almagy, gowyny we erbedi seljermegi öwrenipdirler. Olar bu ugurlar boýunça iň ýokary derejä baryp ýetipdirler. Araplar ähli maksadyna ýetdiler. Olar sarp eden gymmatly wagtlary arkaly bu aýratynlyklary özünde jemläp, iň beýik adamlar boldular. Şeýle-de, ähli milletleriň arasynda has köp öwnüp, şol günleri köp ýatlaýan we ýadyna salýan millet boldy.

Türkmenler hem araplar ýaly çölde, çadyrda ýaşap, mal-gara sakladylar. Huzeýl taýpasynyň araplaryň kürtleri bolşy ýaly, olar hem beýleki milletleriň çarwalarydyr. Olar sungat, täjirçilik, lukmançylyk, daýhançylyk, geometriýa, bagbançylyk, binagärçilik, akaba çekmek we mal ýygnamak bilen meşgullanmadylar. Türkmenler söweş etmek, aw awlamak, ata münmek, mertlerçe söweşmek, olja almak we dürli ýurtlar bilen tanyşmaga meşgul boldular. Bu işler olaryň häsiýetlerine gabat gelýärdi. Olar bu ugurlarda örän oňat kämilleşdiler. Bu ugurda iň ýokary derejelere baryp ýetdiler. Olaryň bar sungaty: täjirçilikleri, şadyýanlyklary, öwünjeňlikleri, gije-gündiz öz aralarynda edýän söweş bilen baglanyşykly gürrüňlerdir. Netijede, olar söweş tilsimlerinde, ýunanlylar pelsepe we ylymda, hytaýlylar sungatda, bedewiler[171] belläp geçen ugurlarymyz boýunça häzirki ýeten derejesine baryp ýetdiler.

Türkmenler söweş-harby sungaty boýunça has öňe gitdiler. Olar bu meseläni giňişleýin öwrendiler. Bu ugurda olaryň ýokary sepgide ýetendigini görkezýän aýratynlyklaryň biri-de şudur. Bir adam gylyjy biline guşanmanka, ol birnäçe adamyň we dürli senetkärleriň elinden geçýär. Olar öz işlerini oňat bilýärler. Bu barada hiç kime ýüz tutmaz, bulary özi başarýandyr. Özge milletleriň arasynda gylyjyň demrini eredip guýýan, arassalaýan, gylyç üçin kadaly ýagdaýa getirýän we ony uzaldyp kesýän adam başgadyr. Ony dogry we kadaly ýagdaýa getirýän, suw berýän-taplaýan we ýiteldip çalýan hem başga biridir. Gylyjyň sapynyň daşyny ýasaýan, bu gaby demre geýdirýän adam hem başgadyr. Onuň sapyny çüýleýän, sapynyň gyna degýän ýerindäki çykyp duran zatlaryny we gynyň ujundaky demir bölegini ýasaýan hem başga kişidir. Gynyň agajyny ýonup, derisini eýleýän hem başga biridir. Derininiň bezeg işlerini ýerine ýetirýän-de başga adamdyr. Onuň ujundaky demri guýýan, gylyjyň bagyny tikýän kişi-de başgadyr. Eýer, ok, ýaragyň gaby, naýza we galkan ýaly beýleki harby enjamlar hem şu görnüşde ýasalýar. Türkmen bolsa bu işleriň ählisini başyndan başlap, soňuna çenli özi edýär. Hiç kimden kömek soramaýar. Hiç bir dostunyň pikirine gulak asmaýar. Hiç hili senetkäriň ýanyna gidip, hünär öwrenip gelmeýär. Olar aldap hak almagyň pikirini hem etmeýärler.

---

[170] Ferasat ylmy - ata terbiýe berýän ylym.

[171] Bedewiler – çarwalar, çölde ýaşaýan adamlar, ýagny araplar.

Ews ibn Hajar[172] her bir awçyda bolmaly aýratynlyklary agzan wagty bu zerur häsiýetleri özünde jemländigini belläp geçýär.

Şunuň bilen bir hatarda dünýädäki her bir kişiniň pelsepeçi we alym, hytaýly senetkär, çarwa şahyr we gyýafa ylmy bilen meşgullanýan adam bolmaýşy ýaly, türkmenleriň-de ählisi wasp edişimiz ýaly däldir. Ýöne ýokarda beýan eden zatlarymyz türkmenleriň arasynda has giňden ýaýrap, iň ýokary derejede kämil we üstündigi aýdyňdyr.

Biz beýleki milletlerden tapawutlylykda türkmenleriň gahrymançylygynyň we ata bolan ussatlygynyň sebäplerini beýan etdik. Olar söweş bilen baglanyşykly meselede has tejribelidirler. Bu seýrek garaýyşlara gymmatly häsiýetler zerurdyr. Şonuň üçin olaryň bir böleginiň jomart, güýçli we kämilleşmäge synanyşýan adamlar bolmagy hökmanydyr. Beýleki bir bölegi bolsa, dogry hereketi goldap, aň-düşünjeli we giň garaýyşly bolmalydyr. Söweş bilen meşgullanýan adam aň-düşünjeli, bilimli, ätiýaçly, gaýratly, sabyrly, syryny saklap bilýän, medeniýetli, hüşgär, tejribeli adam bolmalydyr. Olar at-ýaragdan baş çykarmaly, ýurduny, adamlary tanamaly, mekany, wagty, pursaty we ähli işleriň peýdasynyň näme bilen baglydyny hökman bilmelidirler.

[172] Abu Şuraýh Ews ibn Hajar ibn Mälik Temimi – jahylyýet döwründe ýaşan şahyrlaryň biri.

## TÜRKMENLERIŇ KAHTANLYLARA WE ADNANLYLARA BEREN JOGAPLARY

Rowaýatçy sözüniň yzyna şuny hem goşdy: «Soňra türkmenler jedele jogap berip, deňeşdirip araplara söz bilen hüjüm etdiler. Olar şeýle diýdiler: Siz: «Eger bir adama hyzmat edip, golaýlaşyp bolsa, biz tabyn bolup, mäkäm söýgi bilen jebisleşmekde sizden has öňdediris. Eger bu jebislik garyndaşlyk bilen bolsa, halypa bilen garyndaşlygymyz sizden has golaýdyr» diýdiňiz. Biliň araplar iki topara bölünýär, olar adnanlylar we kahtanlylar. Biziň halypalar bilen garyndaşlygymyz kahtanlylara seredeniňde has ýakyndyr. Sebäbi halypa Kahtan ibn Abaryň ogly däl. Ol Ysmaýyl ibn Ybraýymyň neslindendir. Ybraýymyň kybty gyrnagy Hajardan Ysmaýyl atly ogly, onuň Surýany aýaly Saradan Yshak atly ogly dünýä inýär. Ybraýymyň Kantura binti Meftun[173] atly aýaly arassa araplardan bolup, ol beýleki alty sany oglunyň ejesidir. Ybraýymyň bu alty oglunyň dördüsi Horasanda ýerleşýär. Olar horasan türkmenlerini ýüze çykardylar. Bu biziň kahtanlylardan bolan adama berjek jogabymyzdyr.

Adnanlylardan bolan adama berjek jogabymyz bolsa şeýledir: «Kakamyz Ybraýym, atamyz Ysmaýyldyr. Ysmaýyla ýakynlygymyz siziňki ýalydyr».

### Haýsam ibn Adyýyň sözleri

Haýsam ibn Adyý[174] şeýle diýýär: «Mübärek Türkmen[175] bilen Hammat Türkmen[176] ikisi bile otyrka, oňa: «Siz mazhyj taýpasyndanmy?» diýip soraldy. Mübärek Türkmen: «Mazhyj kimmiş? Biz diňe Ybraýym Halylylla bilen halypany bilýäris» diýdi».

Haýsam soňra sözüni şeýle dowam etdi: «Türkmenleriň ýurduna mazhyjlardan[177] biri geldi. Onuň birnäçe çagasy boldy. Şonuň üçin Şugubyýanyň bir şahyry uzyn bir kasydasynda araplara ýüzlenip:

«Türkmenleriň mazhyjyň neslidigini, siz bilen berberlileriň arasynda garyndaşlyk bardygyny, olaryň Basyl ibn Zabba we Sufanyň örän köp günä iş eden neslidigini öňe sürdüňiz» diýýär.

---

[173] Ybraýym pygamberiň Kantura bint Meftun atly maşgalasyndan Madýan, Madun, Ýakşan, Zymran, Ambuk, Şuhh atly alty sany çagasy bolýar. Ybraýym alaýhyssalamyň özüniň üç ogluny, ýagny Maduny, Ambuky we Şuhhy gündogar tarapa iberendigi aýdylýar. Olar Horasanda ýerleşipdirler.

[174] Haýsam ibn Adyý – doly ady Abu Abdyrahman Haýsam ibn Adyý Sugly Tagy Kufy bolup, taryhçy we edebiýatçy alymdyr.

[175] Mübärek Türkmen – halypa Mansuryň serkerdeleriniň biriniň ady.

[176] Hammat Türkmen – halypa Mansuryň serkerdebaşylarynyň biriniň ady.

[177] Mazhyj – kahtanlylaryň kahlan goluna degişli bir taýpasy.

Başga bir şahyr şeýle diýýär: «Eý, adamlar eşidiň! Türkmenler haçan mazhyjyň nesli boldy? Dünýäde adamlary haýran galdyrýan, gör, nähili geň zatlar bar».

Siz Beni Kantura Diwary barada we türkmenleriň atly goşunynyň Yragyň hurma meýdanyny näme etjekdigi barada bize gelip ýeten habary eşidensiňiz. Bu hadysa ähli adamlary olardan gorkuzmak we ürküzmek üçin aýdylypdyr. Häzir olar yslamyň kömekçisi, agyr goşuny, halypanyň goragçysy, sygynýan ýeri, berk galkany we daşky geýimiň içindäki eşigi boldular.[178]

Hadysda: «Türkmenler size degmese, siz hem olara degmäň (olar bilen agzybir ýaşaň)» diýilýär. Bu hadys Pygamberimiziň ähli araplara wesýetidir. Biziň dogry hereketimiz türkmenler bilen öňki endikleri taşlap,[179] agzybir ýaşamagymyzdyr.

**Isgender Zülkarneýniň hem türkmenlere degmäge batyrgaýlyk edip bilmän** «Olary taşlaň» diýmegi netijesinde türkmen adyny alan millet barada näme pikir edýärsiň? Aslyýetinde, Isgender bu sözi ähli ýeri söweş bilen gylyçdan geçirip, basyp alandan soňra aýdypdyr.

Omar ibn Hattap bolsa türkmenleri görkezip: «Bu zyýany köp, oljasy az duşmandyr» diýipdir. Omar şeýle diýmek bilen örän oňat göçme manyda aýlawly sözler bilen olara zulum etmegi gadagan edipdir.

Araplar erbet duşman barada gürrüň etseler: «Olar hökmany suratda türkmenlerdir ýa-da deýlemlilerdir» diýýärler[180].

Amallas ibn Akyl ibn Ullafa şeýle diýýär[181]: «Başyň saçy agaransoň, onda türkmeniň duşmançylygyny, Abu Hisliň kinesini gördüm».

Abu Hisl suwulgan diýmekdir. Araplar: «Olar suwulgandan hem zalymdyr» diýýärler. Çünki suwulgan çagasyny iýýär. **Arap goşunynyň ýüregini türkmenler ýaly titreden, gorkuzan, howsala salan halk bolmandyr.**

Halaf Ahmar türkmenler barada şeýle diýýär[182]: «Çagalarymy girewine berenimde, olary murty hynala (türkmene) beren ýaly bolýaryn».

Haýsam şeýle diýdi. Ews Hajar şu beýti bilen türkmenleri göz öňünde tutupdyr:

Görüp hynaly murtun, elinde uly gamçysyn,
Gorkup, aýyrdym düýämi suw başyndan.

[178] Bu ýerde halypa şonuň ýaly golaý boldular diýen manydadyr.

[179] Bu ýerde ýokarda agzap geçilen wakany, ýagny türkmenleriň gadyrnyň bilinmedik wagtyny ýatlaýar.

[180] Gadymy arap çeşmelerinde türkmenler bilen deýlemliler bile gelýär. Ibn Manzur türkmenler bilen deýlemlileriň bir nesildendigini öňe sürýär.

[181] Amallas ibn Akyl ibn Ullafa – Ümewiler döwründe ýaşan şahyrlaryň biri.

[182] Abu Muhryz Halaf ibn Haýýan ibn Muhryz Basry Ahmar – dilçi, tankytçy we şahyrdyr.

## JÜNEÝT IBN ABDYRAHMAN BILEN TÜRKMEN HAKANYŇ ARASYNDA BOLAN SÖHBETDEŞLIK

Halypanyň möwlasy Ybraýym ibn Sindi şeýle diýdi: «Ybraýym Apbasly döwletine hyzmat edipdir, ol adamlary oňat tanaýar. Ol döwlete goldaw berýänleri penalaýar. Şeýle-de, adamlary döwlete boýun bolmaga çagyrýar. Onuň sözleri çuň manylydy. Onuň diliniň bu döwlet üçin on müň gylyçdan we naýzadan köp peýda berjekdigini aýtsam, hakykatdan daş düşmesem gerek.

Ol Abdylmälik ibn Salyhdan[183], Abdylmälik bolsa, kakasyndan rowaýat edip şuny aýtdy:

«Bir gezek Horasanyň häkimi Jüneýt ibn Abdyrahman[184] türkmenleriň hökümdar Hakan bilen duşuşdy. Hakanyň güýjüni bilýän Jüneýt gorkup, howsala düşdi. Onuň topary we goşuny gözüniň öňünde köp bolup göründi. Oňa erbet täsir etdi. Hakan Jüneýdiň içki ruhy dünýäsini bilensoň, oňa şeýle habar iberdi: «Gorkma! Men seniň ýanyňa erbet niýet bilen gelen bolsam, bu ýerde hiç zat etmän durmazdym. Men seniň ýaragly goşunyň kem taraplaryny öňden bilýärin. Eger seni ýeňmek ýa-da erbetlik etmek niýeti bilen gelen bolsamdym, pikirlenmäge pursat bermän, goşunyňy tozana garardym. Seniň beýleki türkmenlere hile etmejekdigiňi bilsedim, seniň goşunyň we garamagyňdakylaryň kem we hataly tarapyny görkezerdim. Men seniň akylly, nesliň içre abraýly, mertebeli we diniňi oňat bilýän adamdygyňy eşitdim. Men dinimizi oňat bilmek üçin onuň kada-kanunlary, hökümleri bilen baglanyşykly käbir zatlary soramak isledim. Sen ýanyňdaky egindeşleriň bilen gel, men ýeke özüm çykaýyn. Bu barada özüm zerur bolan zatlary senden sorajak. Men tarapdan hiç hili şübhelenme we gorkma. Meniň ýaly adama adalatsyz bolmak gelişmez. Men ilki hile etmejekdigimi Hudaýyň adyndan ynandyryp, soňra wadasyny bozup ýören adam däldirin. **Biz işimizde hilegärlik etmeýän milletdiris. Biz hiläni diňe söweşde ulanmak bolýar diýip hasaplaýarys[185]. Eger söweş hilesiz bolmaly bolsa, söweşde-de hile etmezdik.**

Garaz, Jüneýt ýeke özi goşundan çykdy. Hakan bilen bile ikisi sapdan çykdy. Jüneýt:

– Islän zadyňy sora. Laýyk jogap tapsam aýdaýyn. Eger bilmesem, bu barada menden has oňat bilýäne tabşyraryn.

Hakan:

– Zyna eden adam baradaky hökümiňiz nähili?

---

[183] Abdylmälik ibn Salyh ibn Aly Apbasy – Apbaslylaryň döwlet işlerinde esasy orunlary eýelän adamlaryň biri.

[184] Jüneýt ibn Abdyrahman – Ümewileriň Horasandaky häkimi we beýik gahrymanlarynyň biri.

[185] Bu ýerde «Söweş hiledir» diýen hadys göz öňünde tutulýar.

Jüneýt:

– Bize görä, zyna eden adam iki topardyr. Birinji, aýaly bar bolan adam. Ikinji, öýlenmedik, ýagny aýaly ýok. Biz öýlenmedik adam zyna etse, ýüz gamçy urýarys. Mundan başga-da bu jeza berlende onuň erbet häsiýetini, her kimiň ondan geljekde namysyny gorap bilmegi üçin ähli ýere ony ýaýradýarys. Biz onuň kimdigini äşgär etmek bilen ikilenç şunuň ýaly ýaramaz hereketi etmez ýaly we beýleki erbet iş edýän adamlaryň öňüni almak maksady bilen ony köpçüligiň içine getirýäris. Bu işi etmäge mätäç bolmadyk, ýagny öýlenen adamlary bolsa, ölýänçä daşlaýarys[186].

Hakan:

– Örän oňat. Gowy çäre. Ar-namysly adama «zyna etdi» diýip töhmet atan adam baradaky hökümiňiz nähili?

Jüneýt:

– Biz şonuň ýaly adamlara segsen gamçy urýarys. Şondan soň onuň şaýatlygyny we sözüni tassyklamaýarys[187].

Hakan:

– Örän oňat. Gowy çäre. Ogry baradaky hökümiňiz nähili? – diýip sorady.

Jüneýt:

– Bize görä, ogry iki görnüşdedir. Birinji, diwary ýaryp ýa-da öýüň üstünden aşak sallanyp, başga bir adamyň gorap saklaýan zadyny almak üçin ýol tapýan adam. Biz onuň maly ogurlan, diwary ýaryp, diwary tutan elini kesýäris.[188] Ikinjisi bolsa, ýol kesip, talaňçylyk edip, adamlaryň malyny oljalap, ýarag ulanyp, malyny gorajak bolýan adamy öldürýän adamdyr. Biz beýle adamlary öldürýäris. Ony adamlaryň gelim-gidimli ýolunyň ugrunda dardan asýarys[189] – diýip, jogap berdi.

Hakan:

– Örän oňat. Dogry pikir. Kesekiniň mal-mülküni zor bilen ýagmalap alan adam baradaky hökümiňiz nähili?

Jüneýt:

– Zor bilen alynmagy, kesekiniň mallarynyň talanmagy, käbir beýleki kiçiräk günäleriň edilmegi, iýip-içilýän zatlaryň ogurlanmagy kimin şübheli ähtimal bolan ýagny ýalňyşlyk bilen edilendigi ähtimal bolan ähli şübheli günälerde hem-de talaňçylykdan başga bir hereket ähtimallygy bilinen halatynda el kesmeýäris.

Hakan:

– Örän oňat. Gowy çäre. Adam öldüren ýa-da burun-gulak ýaly agzalaryny kesen adam baradaky hökümiňiz nähili?

Jüneýt:

– Bu baradaky höküm şeýledir: Jana jan, göze göz, burna burun, gulaga gulak, dişe diş, ýaralan bolsa şoňa görä jeza bermelidir.[190] Bir adamy on adam öldüren bolsa, olaryň ählisine ölüm jezasy berilýär. Güýçli daýaw adam hor adam üçin öldürilýär. El-aýak baradaky hökümler hem şunuň ýalydyr.

Hakan:

---

[186] Bu baradaky hadysda: «Durmuşa çykan gyz ýa-da öýlenen erkek zyna etse, daşlanylýar» diýilýär.
[187] Bu ýerde Gurhanyň 24-nji («Nur») süresiniň 4-nji aýaty göz öňünde tutulýar.
[188] Bu ýerde Gurhanyň 5-nji («Mäide») süresiniň 38-nji aýaty göz öňünde tutulýar.
[189] Bu ýerde talaňçylar we garakçylar göz öňünde tutulýar.
[190] Bu baradaky hadysda: «Möminleriň gany biri-birine deňdir» diýilýär.

– Örän oňat. Dogry düzgün. Ýalançy, şugulçy, sylag-hormaty bilmeýän adamlar barada näme diýersiňiz?

Jüneýt:

– Biz onuň ýaly adamlary abraýdan düşürip, halkyň arasyndan uzaklaşdyryp, sürgün edýäris. Olaryň şaýatlygyny kabul etmeýäris. Olaryň sözi hiç haçan ygtybarly hasaplanylmaýar.

Hakan:

– Diňe şunuň ýalymy?

Jüneýt:

– Dinimize görä jogap şeýledir.

Hakan:

– Meniň pikirime görä, şugulçy adamlaryň arasynda arabozarlygyň çykmagyna sebäpkär adamdyr. Men onuň ýaly adamlary adam çagasyny görmez ýaly ýerde tussag ederin. Men onuň uýat ýerini daglaryn. Bu işi eden agzasyny jezalandyraryn. Ýalançy barada bolsa, siz ogrynyň elini kesýän bolsaňyz, men onuň ýalan sözleýän dilini keserin. Men adamlary boş güldürip, akmaklygy öwredýän adamy bolsa, golastymdan, ýagny döwlet işinden aýryp, sürgün ederin. Olary ýurtdan çykarmak bilen halkymyň aň-düşünjesini we pikirini düzederin.

Jüneýt ibn Abdyrahman hakanyň bu aýdanlaryna:

– Siz hökümiňiz aň-düşünjä, pikire gabat gelse-gelmese-de höküm berýärsiňiz. Biz bolsa pygamberlere uýýarys, adamlary öz akylymyza görä dolandyrmagy makul görmeýän milletdiris. Çünki Allatagala bize peýdaly zady, hadysalaryň gizlin syryny we netijesini gowy bilýär. Emma adamlar ony bilmeýär. Adam ähli zadyň daşky görnüşine görä netije çykarýar. Aslyýetinde, nijeme ätiýaçsyz adamlar halas bolup, nijeme hüşgär we öňüni-yzyny saýgarýan adamlar bela-betere duçar bolýar – diýdi.

Bu sözlerden soň, han oňa:

– Sen mundan has gymmatly söz aýtmadyň. Bu sözüň ýüregimde örän uly gaýgy-gam döretdi – diýdi.

Ybraýym Abdylmälikden, Abdylmälik Salyhdan, Salyh Jüneýtden şeýle rowaýat edipdir: Jüneýt şeýle diýipdir: «Bu türkmenden has wepaly, ynsaply, düşünjeli we ýiti zehinli başga birini görmedim. Onuň bilen gündiz sagatlap ikiçäk gürrüňdeş bolduk. Onuň dilinden başga hiç bir ýeri gymyldamady. Men hem dilimden başga ýeri gymyldatmadym».

Ynha, türkmen hökümdaryny şu görnüşde wasp edýärler.

## JAHYZYŇ ROWAÝATY

Aýtmaklaryna görä, Sasan[191] bilen hakan[192] bir dagyň öwrüminde nyzamdan çykyp, ýüzbe-ýüz gürleşipdirler. Olaryň arasyndaky söhbetdeşlik uzak bolupdyr. Olar ýerine geçen wagty bu ýerde duranlar «Hakan kesradan has agras we edepli, kesranyň aty hakanyň atyndan has agras we edepli eken. Bu gepleşikde hakanyň diňe dili hereket etdi. Onuň aty käwagt bir aýagyny, käwagt beýleki aýagyny oýnadyp durdy. Kesranyň aty galyp bilen ýere guýlan ýaly durdy. Özi bolsa, kellesini oýnadyp, eli bilen görkezýärdi» diýdiler. Aýdyşlaryna görä, geň galdyryjy zatlaryň ýene biri şudur. Uruşda Harys ibn Kagp Hazmadan, Hazm Kindadan, Kind Harys ibn Kagpdan ýeňilýär».

Edil şunuň ýaly mazmunda ýene aýtdylar: «Şonuň ýaly söweşde geň zatlaryň biri hem şudur: araplar türkmenlere, türkmenler rumlulara, rumlular araplara garşy durup bilmeýär».

### Jahm ibn Safwanyň sözleri

Jahm ibn Safwan Termizi[193] şeýle diýýär: «Biz parslar bilen türkmenleriň arasynda bolan söweşi bilýäris. Kesra Perwiz bilen hakanyň guda-garyndaş bolmagynyň sebäbi, kesra ony öz tarapyna çekmek we ýetirýän zyýanyna böwet bolmak üçin onuň gyzyna öýlendi.

Parslar bilen rumlularyň arasyndaky söweşde käte olar, kähalatda beýleki tarap ýeňiş gazanýardy. Biz näme maksat bilen Medaýyn Susada[194] zeýtun agaçlaryny oturdandygyny, Rumyýanyň[195] näme sebäpli gurlandygyny, kesranyň Stambulyň gabat garşysynda, bogazyň kenarynda mejuslylaryň[196] ybadathanasyny näme üçin bina etdirendigini bilýäris. Ýöne rumlular Horasan türkmenlerini yzly-yzyna ýeňlişe sezewar etdiler. Soňra halkyň arasynda horasanlylaryň täsiri ýeten iň soňky öe çenli, bu ýerde ýüze çykan dürli wakalar we bu nesle goşulan keseki adamlar bilen baglanyşykly gürrüňler ýüze çykyp başlady.

[191] Bu ýerde Sasan Eýran hökümdary kesra göz öňünde tutulýar.
[192] Bu ýerde Hakan diýlip türk kaganaty göz öňünde tutulýar.
[193] Abu Muhryz Jahm ibn Safwan Termizi Samarkandy – Jahmyýe akymyny esaslandyryjy. Ol Horasanda gozgalaň turuzan Harys ibn Suraýjyň kazysy bolupdyr. Ol Nasr ibn Seýýar tarapyndan dardan asylýar.
[194] Bu ýerde Ahwaz şäheri göz öňünde tutulýar.
[195] Nowşirwan bu ýeri Antakyýany basyp alansoň bina edýär. Ol kiçiräk şäherçedir.
[196] Mejusy - otparaz.

Hanyň gyzy Hatyn Hysrow Perwiziň ýanyndady. Bu gyzdan Şiruýe[197] dünýä indi. Şiruýe Perwizden soňra hökümdar boldy. Şiruýe kaýsaryň gyzy Merýeme öýlendi. Merýem Welit I ogly bolan Ýezit Nakymyň[198] ejesiniň kakasy Piruzy dünýä indirdi. Şonuň üçin Ýezit: «Men dört hökümdaryň agtygydyryn: Olar kesra, kaýsar, hakan we Merwandyr» diýýärdi. Ol Welit ibn Ýezit ibn Atykany öldürip[199], söweşde şu beýti aýdypdyr:

«Men kesranyň ogludyryn, kakam hakan,
Atam kaýsar, beýleki atam bolsa Merwandyr».

Ol şygyrlarynda batyrgaýlygyny we söweşe bolan ussatlygyny beýan edende ýeke-täk hakanyň ady bilen öwünýärdi. Ol şeýle diýýär:

«Men öňüme seredip, yzyma dogry ok atýan bolsam, taýyň üstünde uçut dagdan düşýän bolsam, oňa geň galmak gerek däl. Sebäbini bilip goýuň, atam hakandyr. Onuň düz we beýik dag depelerindäki hereketini ýadyňa sal».

Bu ýerde şygyrda getirilýän «etlagu» sözi «gün dogmak» manysynda bolman, «düşmek» manysyndadyr. Bu manyda ony Şam halky ulanýar. Olara bu sözüň şol manysy ir döwürlerde şol ýere gelen araplardan geçipdir. Ýezit bu ýerde atynyň taýdygyny aýdýar. Çünki taý has ýyndam bolup, saga-sola ugruny çalasyn üýtgedip, hemişe başyny dik tutýandyr.

## Fazl ibn Apbas ibn Razynyň sözleri

Fazl ibn Apbas ibn Razy şeýle diýýär: «Bir gün üstümize türkmenlerden birnäçe atly esger geldi. Daş-töwerekde näçe adam bar bolsa, ählisi gala girip, derwezäni ýapdylar. Türkmenler gelip, galanyň daş-töweregini gurşap aldylar. Olaryň atly serkerdesiniň gözi galanyň içinde seredip duran bir adama düşdi. Bu atly serkerde oňa, «Eger aşak düşüp derwezäni açsaň, seni başga adamlary öldürişimiz ýaly öldürmeris» diýdi.

Şol galadan seredip duran adam aşak düşüp, derwezäni açdy. Türkmenler içine girip, näme bolsa alyp gitdiler. Olar onuň iň mäkäm we howpsuz ýerde durka, gelip derwezäni açmagyna geň galdylar. Soňra türkmenler bu esgeri biziň galamyzyň ýanyna getirdiler. Serkerde: «Muny menden satyn alyň» diýdi. Biz: «Oňa mätäçligimiz ýok» diýdik. Ol: «Men ony bir dirheme alsaňyz hem satjak» diýdi. Garaz, biz oňa bir dirhem berdik. Ol bu ýesiri boşadyp, ýoldaşlary bilen gitdi. Olar köp wagt geçmänkä, gaýtadan yzyna dolandylar we ses eşidiler ýaly aralykda durdular. Türkmenleriň bu hereketi bizi gorkuzdy. Ol serkerde alan dirhemini agzyndan çykaryp, ortarasyndan ikä böldi. «Ol adam bir dirheme-de degmeýär. Onuň deregine şuny bermek özüňi aldamakdyr. Dirhemiň ýarysyny alyň. Belki, ol beýleki ýarymyndan gymmatlydyr» diýdi.

---

[197] Şiruýe – kesra Perwiziň ogly.
[198] Abu Halyt Ýezit ibn Welit ibn Abdylmälik ibn Merwan Nagşy – Damaskda doglup, şol ýerde hem aradan çykypdyr. Ol Welit ibn Ýezide garşy çykyp, Damasky basyp alýar we Welidi öldürýär.
[199] Abu Apbas Welit ibn Ýezit ibn Abdylmälik ibn Merwan – keýpi-sapalyga höwesek adam bolupdyr. Onuň birnäçe goşgulary bar. Ol hijri ýyl hasaby bilen 125-nji ýylda halypa bolýar.

Hakykatdan hem bu türkmeni beýleki adamlardan ägirt gördüm. Galanyň derwezesini açan adam gorkak kişidi. Ol türkmenleriň söweşde şähere girmäge, derýadan geçmäge örän ussatdygyny eşidipdi. Şol sebäpli ol «bu türkmen derwezäni açmagyň usulyny anyk bilip, duýduryş berýändir» diýip güman edipdir.

**Sumama ibn Aşrasyň başga bir rowaýaty**

Sumama şeýle diýdi: «Halklaryň arasynda türkmenler garynjalara meňzeşdir. Çünki her bir garynja öz başyny çarap, özbaşdak ýaşamagy, iýmit tapmagy, ýiti ys almagy, ýygnan dänesiniň gögermezligi üçin daşynyň gabygyny aýyrmagy we gögeren ýerini gyrkyp almagy başarýar. Garynjalar hem adamlar ýaly uzak wagtlap goýýan iýmitleriniň agzyny ýapmagy, onuň daşyna aýratyn gap tutmagy, iýmitini gorap saklamagy, olary gazykdan asyp goýmagy, sowuk urmaz ýaly gapda saklamagy bilýärler.

Abu Musa Eşgary şeýle diýipdir[200]: «Kiçijik garynjadan başlap dürli görnüşdäki haýwanlar bir baştutana we ýolbaşça mätäçdir».

Abu Amr Zaryr şulary rowaýat edýär: «Kiçijik garynjalaryň artykmaç tarapy, olara Alla tarapyn berlen aýratynlyklarydyr. Olar ýiti duýgurlygyň esasynda ys alyp, hininden bir zada tarap çykyp, ony alyp gaýtmaga synanyşýar. Ol ähli güýjüni sarp edip, güýji ýetmese gelip, beýleki garynjalara habar berýär. Olar hem şol zada tarap gidip, yzyna dolanan garynjanyň yzyndan uzyn gara ýüp ýaly bolup, çykýarlar. Dünýäniň ýüzündäki ähli garynja biri-biri bilen sataşanda, hökmany suratda onuň bilen bir zat gürleşip soň gidýär».

Garynjalar ýaly türkmenleriň hem her haýsy öz işini özi edýär. Şonuň bilen bir hatarda ähli jisimde, ösümlikde, jansyz zatlarda belli bir derejede tapawudyň bolmagy hökmanydyr.

Ähli zadyň bahasynyň bolşy ýaly, magdan känleriniň hem gymmaty bardyr. Atlaryň ählisi ýyndam bolsa-da, arassa nesilden bolan atlaryň gymmaty biri-birinden ýokarydyr».

[200] Abu Musa Abdylla ibn Kaýs Eşgary – sahabalardan biriniň ady. Ol Zabtda dogulýar. Yslam dini ýüze çykansoň, Mekgä gelip, musulman bolýar. Hijri ýyl hasaby bilen 44-nji ýylda (milady 665-nji ýyl) aradan çykýar.

## ESERIŇ ÝAZYLYŞ USULY

Bu eserde ähli milletleriň aýratynlyklary barada bize gelip ýeten maglumatlary beýan etdik. Eger ýazan maglumatlarymyz hakykata laýyk bolsa, bu Allanyň goldawynyň we hemaýatynyň netijesidir. Biz niýetimizi päk tutup, işimize ak ýürekden yhlas bilen ýapyşdyk. Bu meselede halypany goldamak üçin elimizde baryny etdik. Bir zady taşlap, amatly pursaty sypdyryp, işi kem etmek bilen ejizlik hem-de durmuşuň agyr kynçylygy sebäpli haýsydyr bir işi nogsanly etmegiň arasynda tapawut bar.

Men bu kitaby dawa-jedel döredýän kitaplardan tapawutly edip ýazdym. Eger men bu kitaby bir milletiň mertebesini beýgeltmek üçin, beýleki bir milletiň kemçiligini ýüze çykaryp, tankytlap, onuň aýratynlyklaryny beýan edip ýazan bolsam, eser has köp sahypaly uly kitap bolardy. Şonda ýazaryň ylymly, düşünjeli adamdygy barada aýdýanlaryň sany hem has köp bolardy. Ýöne biz, gysga, az we uz zadyň adamlary özüne çekjekdigi, köp zadyň bolsa, adamlary daşlaşdyrjakdygy hakynda oýlanyp, şunuň ýaly netijä geldik. Onuň ters tarapyndan Alla sygynýaryn. Onuň bu meselede kömek etmegini we ýol görkezmegini dileýärin! Şübhesiz Ol ähli zady eşidip, her kime ýakyn bolan we Öz islän zadyny ýerine ýetirmäge kadyrdyr.

Allanyň kömegi bilen bu kitap tamamlandy. Alla diňe gowulygy edýändir. Güýç-kuwwat Onuň elindedir we Ol dogry ýola salýandyr.

## MAZMUNY

Giriş ........................................................................3
Horasanlylaryň beýany..................................................7
Araplaryň beýany .......................................................11
Möwlalaryň beýany.....................................................13
Ebnalylaryň beýany.....................................................15
Giriş ........................................................................17
Türkmenleriň mertebeleri............................................21
Humaýt ibn Abdylhamydyň sözleri .............................22
Jahyzyň türkmenlere garaýşy.....................................33
Türkmenleriň kahtanlylara we adnanlylara beren jogaplary...... 39
Jüneýt ibn Abdyrahman bilen türkmen hakanyň arasynda bolan söhbetdeşlik.. 41
Jahyzyň rowaýaty........................................................44
Eseriň ýazylyş usuly....................................................48